## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – BIZIŇ ÝURDUMYZY ÝEWROPA DÖWLETLERI BILEN ENERGETIKA, ULAG, TEHNOLOGIÝALAR WE ENÇEME BEÝLEKI UGURLAR BOÝUNÇA GELJEGI ULY MEÝILNAMALAR HEM-DE MAKSATNAMALAR BAGLANYŞDYRÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
31-nji iýul, 2026. Belgisi 31/1701



# ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

**28-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň ýolbaşçysy hanym Odil Reno-Bassony kabul etdi.**

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallygyny beýan edip, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ösüşiň täze belentliklerine çykýandygyny belledi hem-de Aşgabadyň gözel binagärlik keşbiniň özünde uly täsir galdyrandygyny aýtdy.

Şeýle-de ol Türkmenistanyň milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen giň möçberli özgertmelerine ýokary baha berip, ýolbaşçylyk edýän düzüminiň ýurdumyz bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly gyzyklanma bildirýändigini tassyklady.

Döwlet Baştutanymyz iri maliýe düzüminiň ýolbaşçysyny mähirli mübärekläp, onuň saparynyň dowamynda birnäçe duşuşyklaryň geçiriljekdigini hem-de bu duşuşyklaryň ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge itergi berjekdigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan daşary syýasat işinde abraýly halkara guramalar, hususanda, maliýe we bank ulgamynda işleýän guramalar bilen netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Ýurdumyzda halkymyzyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen durmuş we ykdysady ösüş strategiýasy amala aşyrylýar. Bu strategiýanyň möhüm wezipesi diňe bir häzirki döwrüň meselelerini çözmek bilen çäklenmän, eýsem, uzak möhletleýin durnukly ösüşi üpjün etmekden hem ybaratdyr. Döwlet Baştutanymyz bu maksatlary durmuşa geçirmek üçin Diýarymyzda eksport ugurly, daşary ýurt harytlarynyň ornuny tutýan önümleri öndürmek, telekeçiligi goldamak, diwersifikasiýa, döwrebaplaşdyrmak, ykdysadyýetiň wajyp ulgamlaryna maýa goýumlary çekmek boýunça degişli işleriň alnyp barylýandygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň köp ýyllaryň dowamynda Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň agzasy bolup durýandygyny, bu bank bilen söwda-ykdysady, maliýe-bank ulgamlarynda netijeli hyzmatdaşlygyň ýola goýlandygyny aýdyp, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary hökmünde energetika, ulag, sanly ykdysadyýet, daşky gurşawy goramak ýaly ugurlary görkezdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz ulag-logistika ulgamyna ünsi çekip, Türkmenistanyň geografik taýdan amatly ýerleşmeginiň ulagyň dürli görnüşleriniň arabaglanyşygyny emele getirmekde berk esas bolup durýandygyny belledi hem-de köpugurly we sebit ähmiýetli Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar halkara ulag geçelgelerini döretmek boýunça möhüm işleriň amala aşyrylýandygyny aýtdy. Ýurdumyz energetika ulgamynda hem hyzmatdaşlygy diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Arassa, daşky gurşawa zyýansyz «ýaşyl» energetika boýunça maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda amala aşyrylýan taslamalara ýa-da täze başlangyçlara Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň gatnaşmagy üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz häzirki döwürde ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny ösdürmegiň, suw serişdelerini tygşytly peýdalanmagyň möhüm wezipeler bolup durýandygyny aýdyp, Türkmenistanyň agzalan bank bilen bu ugurda-da hyzmatdaşlygy ilerletmäge taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz myhmanyň ýurdumyza saparynyň dowamynda Türkmenistanyň bank, maliýe, energetika, daşky gurşawy goramak, suw baýlyklaryny netijeli peýdalanmak, ulag-logistika ugurlary boýunça birnäçe gepleşikleriň geçiriljekdigini aýdyp, bu gepleşikleriň ýurdumyz bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlyga itergi berjekdigine, ony hil taýdan täze derejelere çykarjakdygyna ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň geljekde hem bu iri halkara maliýe guramasy bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygy nygtaldy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň ýolbaşçysy hanym Odil Reno-Basso ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

* * *

Şol gün Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň ýolbaşçysy Odil Reno-Basso bilen duşuşyk geçirildi. Taraplar ulag-logistika infrastrukturasyny ösdürmek boýunça geljegi uly taslamalara, sebitleýin ulag geçelgelerini ilerletmäge ýardam etmek bilen bagly meselelere garadylar.

Duşuşykdan soňra resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Şolaryň hatarynda 2027 – 2032-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasynda ÝTÖB-niň Türkmenistandaky işiniň ileri tutulýan esasy strategik ugurlary barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasynda bank ulgamyny berkitmek hem-de Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň eksporta gönükdirilen ösüşini we diwersifikasiýalaşdyrylmagyny goldamak boýunça strategik hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň, Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň, «Türkmengaz» döwlet konserniniň, «Türkmennebit» döwlet konserniniň, «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň hem-de Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasynda Türkmenistanda durnukly energetika, daşky gurşawy goramak we suw serişdelerini netijeli peýdalanmak babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň, Türkmenistanyň Awtomobil ýollary ministrliginiň hem-de Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasynda ulag geçelgelerini döwrebaplaşdyrmak we Türkmenistanyň üstaşyr geçirijilik mümkinçiliklerini ösdürmek boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Aşgabat şäheriniň häkimligi bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasynda ÝTÖB-niň «Ýaşyl şäherler» maksatnamasynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

## Türkmenistan-BMG: ählumumy hyzmatdaşlygyň aýdyň ýoly



Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we giň özara hyzmatdaşlyk syýasatyny amala aşyrmak esasynda dünýä döwletleridir abraýly sebit we halkara guramalary bilen netijeli gatnaşyklaryny ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde ösdürýär. Umumy bähbitleriň we abadançylygyň hatyrasyna dünýä ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary giňeltmek, abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen hoşniýetli hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarydyr.

Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda halkara gatnaşyklaryň doly hukukly subýekti hökmünde BMG-niň agzalygyna kabul edildi. Döwletimiz BMG-niň ygtybarly we jogapkärli hyzmatdaşy hökmünde bu halkara guramanyň mejlislerine ýokary derejede gatnaşýar. ■3

## ERTIR MEKDEP BAZARLARY IŞLÄP BAŞLAR

**Mälim bolşy ýaly, geçen hepde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi. Mejlisde mekdep harytlarynyň satuw-söwdasyny guramak boýunça alnyp barylýan işler barada hem hasabat berildi.**

Bellenilişi ýaly, täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda okuwçylar we talyplar üçin zerur bolan harytlaryň söwdasyny guramak boýunça degişli işler geçirilýär. Söwda nokatlarynda okuw esbaplaryny ilatymyza hödürlemek göz öňünde tutulýar. Mejlisde hormatly Prezidentimiz ilatymyzyň dürli görnüşli mekdep harytlaryna bolan isleglerini öwrenip, täze okuw ýylyna taýýarlyk bilen bagly göçme söwda nokatlaryny guramagyň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda taýýarlanylan teklibi goldap, degişli işleri geçirmegi tabşyrdy. Şeýlelikde, ertir mekdep bazarlary işläp başlar, mekdep harytlarynyň satuw-söwdasy ýurdumyzyň welaýatlarynda we etraplarynda, Aşgabat, Arkadag şäherlerinde 1-nji awgustdan 5-nji sentýabra çenli guralar.

Ýurdumyzda söwda nokatlaryny okuw esbaplary, okuwçy we sport egin-eşikleri, aýakgaplar bi-



len üpjün etmek üçin ýurdumyzyň önüm öndürijileri, haryt getirijiler bilen hyzmatdaşlyk etmek esasynda degişli işler amala aşyryldy. Sanly ulgamy ösdürmek, ilata döwrebap hyzmatlary ýola goýmak maksady bilen, elektron söwda dükanlary arkaly bu harytlary halka hödürlemek hem-de eltip bermek hyzmatlary hem ýola goýlar.

Ylym we bilim islendik döwletiň we jemgyýetiň ösmeginiň, şol sanda ýurdumyzyň ykdysady, ylym-bilim kuwwatynyň pugtalandyrylmagynyň esasy hem-de möhüm şertidir. Ylym we bilim ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek, ony hil taýdan täze derejä çykarmak hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şonuň üçin hem Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ägirt uly meýilnamalary durmuşa geçirmäge ukyply ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilen işlere, bilim edaralaryny zerur okuw esbaplary, döwrebap okuw-tehniki enjamlary bilen üpjün etmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Täze okuw ýylyna taýýarlyk görýän okuwçylardyr talyp ýaşlar, ak mekdebiň bosagasyndan ilkinji gezek ätlejek körpeleriň ene-atalary mekdep bazarlaryndan, ýöriteleşdirilen dükanlardan gerekli okuw esbaplaryny satyn alarlar. Bu ýerlerde okuw esbaplarynyň dürli görnüşleri hödürlenýär. Mekdep okuwçylarydyr talyp ýaşlar üçin niýetlenen okuw esbaplary özüniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. ■2

## Ýokary okuw mekdeplerinde giriş synaglary dowam edýär

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerine, şeýle-de mugallymçylyk, lukmançylyk we medeniýet ugurly orta hünär okuw mekdeplerine giriş synaglary dowam edýär. Synaglar ýokary, orta hünär okuw mekdeplerinde geçirilýär.

Dalaşgärlerden resminamalary kabul etmek 13 – 26-njy iýul aralygynda amala aşyryldy. Jogapkärli möwsümiň degişli talaplaryna laýyklykda, giriş synaglarynyň ýokary guramaçylykly we adalatly geçirilmegi üçin bilim ojaklarynda ähli zerur şertler döredildi. Giriş synaglary tassyklanan tertibe laýyklykda, tapgyrlaýyn dowam eder.

Saýlanyp alnan hünäre ýa-da taýýarlygyň ugruna baglylykda giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleri üçin okuw maksatnamalarynyň esasynda kesgitlenilen okuw dersleri boýunça geçirilýär. Giriş synaglary degişli dilde kabul edilýän dillere degişli derslerden başga ýagdaýlarda döwlet dilinde kabul edilýär.

2026-njy ýylyň kabul ediş möwsüminiň ýurdumyzda 13-nji iýuldan 25-nji awgust aralygyndaky döwürde amala aşyrylýandygyny belläp geçmek gerek.

Geçen ýyl ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerine kabul edilenler 17 müňe golaýlan bolsa, şu ýyl bu görkeziji 18 müňden geçer, ýagny 1239 dalaşgär köp kabul ediler.



Ýurdumyzyň barha ösýän ykdysady kuwwatyny, dürli ugurlar boýunça hünärmenleriň zerurlygyny nazara alyp, 2026 – 2027-nji okuw ýylynda ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärleriň we taýýarlygyň ugurlarynyň jemi 20-si açyldy.

Şu ýyl ilkinji gezek S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde, Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetinde okuw dersleri boýunça giriş synaglaryny döwlet dilinde test görnüşinde geçirmek bellenildi.












# BEHIŞDI BEDEWLERIMIZIŇ DÜNÝÄDÄKI ABRAÝY BELENDE GALÝAR




Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bilen duşuşyp, olaryň okuw-türgenleşikleri we durmuşy bilen içgin gyzyklandy. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz toparyň agzalarynyň öňde boljak halkara ýaryşlarda şowly çykyş etmegine ak pata berdi. Bu bolsa atçylyk sportuna ykbalyny baglan ýaşlary täze belentliklere, beýik ýeňişlere ruhlandyrdy.

Hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda, Niderlandlar Patyşalygynda ahalteke atlarynyň arasynda geçiriljek atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatyna ýurdumyzyň ýokary derejeli wekiliýetiniň gatnaşmagy bilen bagly çärelere taýýarlyk görmek boýunça guramaçylyk döwlet topary döredildi. Toparyň başlygy Gahryman Arkadagymyz bu ugurda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli guramaçylyk işlerini yzygiderli gözegçilikde saklap, bu barada gymmatly maslahatlaryny berýär.

Duşuşygyň dowamynda Milli Liderimiz ýaşlaryň diňe bir türgenleşikleri däl, eýsem, okuwlary, durmuşy we ene-atalarynyň ýagdaýy bilen hem içgin gyzyklandy. Bu bolsa ýurdumyzda ýaşlar, olaryň geljegi we hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagy bilen baglanyşykly meseleleriň rowaçlanmagy ugrunda uly alada edilýändigini görkezýär. Gahryman Arkadagymyz toparyň her bir agzasy bilen içgin söhbetdeş boldy, olaryň geljekki maksatlary barada gyzyklandy. Munuň özi ýaşlaryň öňde boljak ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatynda üstünlik gazanmaklary üçin Milli Liderimiziň ak patasy hökmünde kabul edildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň ýurdumyzda atçylygy we atçylyk sportuny ösdürmek ugrundaky tagallalary, bedew atlara erk etmekdäki nusgalyk göreldesi, öwüt-ündewleri ýaşlary täze ýeňişlere ruhlandyrýar. Häzirki döwrüň ýaşlary baradaky alada Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň röwşen geljeginiň kepilidir. Duşuşygyň dowamynda Gahryman Arkadagymyz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynyň ähmiýeti, ýaşlar syýasatynyň durmuşa geçirilişi barada aýdyp, döwletimizde ýaş nesiller üçin ähli zerur şertleriň döredilýändigine ünsi çekdi. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2007-nji ýylda döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary at çapmagyň, çylşyrymly hereketleriň ussady hökmünde ykrar edilen ýaşlardan ybaratdyr. Toparyň dürli ýyllardaky gazanan ýeňişleri türkmen halkynyň Milli Lideriniň çäksiz aladasynyň, parasatly öwüt-ündewleriniň, nusgalyk göreldesiniň netijesidir.

Duşuşygyň barşynda Gahryman Arkadagymyz halkara çärelerde Türkmenistanyň abraýyny belende göterjek oglan-gyzlar bilen gürrüňdeş bolup, toparyň agzalarynyň üstünlikli çykyş etmekleri ugrunda döwlet tarapyndan ähli zerur şertleriň döredilýändigini belledi we olaryň halkara çärelerde öz ukyp-başarnyklaryny görkezip, üstünlik gazanmaklaryny, türkmen Tuguny belentde parlatmaklaryny arzuw etdi. Türkmen halkynyň Milli Lideri toparyň agzalarynyň halkara ýaryşlarda halkymyza mahsus merdanalygy, ussatlygy we saýlap alan hünärine bolan yhlasyny görkezjekdiklerine ynam bildirdi hemde Watanymyzyň hemişe ýaşlaryň beýik maksatlaryna goldaw berjekdigini aýtdy. Gahryman Arkadagymyz duşuşygyň barşynda ýaşlaryň Watanymyzyň abraýyny goramaklary, ony jandan eziz görmekleri barada maslahatlaryny berdi.

Halkara bäsleşikler jemlenenden soňra, ýurdumyzyň durmuşynda möhüm orny eýeleýän mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramynyň dabaralary ýaýbaňlandyrylar. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda atçylyk we atly sport çäreleriniň ýokary derejede geçiriljekdigine, ahalteke bedewleriniň toýbaýramlaryň bezegine öwrüljekdigine, toparyň çykyşlarynyň şanly wakalary has-da dabaralandyrjakdygyna ynam bildirdi. Gahryman Arkadagymyz halkara çärelerde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalarynyň täze oýunlary we çylşyrymly hereketleri bilen dünýäni haýrana goýmaklaryny arzuw etdi. Munuň özi behişdi bedewlerimiziň Ýer ýüzündäki abraýynyň belende galmagyny üpjün eder.

Toparyň agzalary döwlet derejesinde döredilýän mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize çuňňur hoşallyklaryny beýan edip, özlerine bildirilýän ynamy abraý bilen ödäp, öňde boljak halkara bäsleşiklerde täze ýeňişleri gazanyp, ahalteke bedewleriniň dünýädäki şöhratynyň has-da belende galmagyna mynasyp goşant goşjakdyklaryna ynandyrdylar.

* * *

Şu günler hormatly Prezidentimiziň tabşyrygyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, guramaçylyk döwlet toparynyň başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew döwlet toparynyň agzalary bilen bilelikde halkara çärelere ýokary derejede taýýarlyk görmek üçin Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherinde iş saparynda bolýar. Bu ýerde halkymyzyň dünýä beren milli gymmatlyklarynyň naýbaşysy bolan ahalteke bedewleriniň halkara derejede geçirilýän bäsleşiklere gatnaşdyrylmagy we onuň çäklerinde guraljak çäreleriň guramaçylygy boýunça degişli işler alnyp barylýar. Şunda Türkmenistanyň wekiliýetiniň halkara çärelere gatnaşygyny, ähli meýilleşdirilen çäreleriň guramaçylyk-taýýarlyk işleriniň ýokary derejede alnyp barylýandygyny bellemeli.

Guraljak çäre, onuň geçiriljek ýerini kesgitlemek, milli bezeg işleri bilen baglanyşykly meselelere zerur üns berilýär. Şeýle hem öňde boljak çärelere taýýarlygyň dowamynda ýurdumyzyň wekilçilikli toparynyň agzalary ýerli atşynaslar, bu ugur boýunça ylmy işleri alyp barýan halkara derejeli hünärmenler bilen duşuşyklary guraýarlar. Munuň özi ahalteke atlarynyň arasynda geçiriljek atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatyna gatnaşjak türkmen toparlarynyň çykyşlarynyň guramaçylykly geçirilmegi ugrunda hemmetaraplaýyn tagalla edilýändiginiň beýanydyr.

Kronenberg şäherinde geçirilen duşuşyklaryň çäklerinde halkara çäreleri guramaga niýetlenen meýdança bilen tanyşdyrylyş çäresi boldy. Şunda atly sport ýaryşlarynyň, gözellik bäsleşiginiň geçiriljek ýerleriniň özboluşly aýratynlyklary, ýaryşlary guramagyň tertibi barada pikir alşyldy. Bellenilişi ýaly, meýdançanyň çäklerinde halkara ýaryşlaryň bezegleri, dürli ýazgylar häzirki zaman talaplaryna doly laýyk derejede ýerleşdiriler. Ýerli hünärmenlerdir atşynaslar özara tejribe alşylmagynyň wajypdygyny aýdyp, türkmen halkynyň milli atşynaslyk däpleri bilen içgin tanyşmak we ony Ýewropa ýurtlarynyň atşynaslarynyň arasynda netijeli peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleleriň ähmiýetine üns berdiler. Munuň özi dünýä ýurtlarynda atşynaslyk, aýratyn-da, ahalteke atlaryny seýislemegiň usullary bilen baglanyşykly maglumatlaryň bir ýere jemlenmeginde we onuň dünýä atşynaslary üçin elýeterli bolmagynda ähmiýetlidir.

Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň türkmen sungatynyň naýbaşy görnüşleriniň biri hökmünde ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi milli hem-de dünýä medeniýetiniň gymmatlygy hasaplanýan bedewlerimiziň Ýer ýüzündäki at-abraýyny has-da dabaralandyrdy. Munuň özi paýhasly pederlerimiziň atlary seýislemek boýunça taryhyň dowamynda döreden nusgalyk ýörelgeleriniň halkara derejedäki ykrarnamasydyr. Şunuň bilen baglylykda, geçirilýän duşuşyklarda dünýäde uly şöhrat gazanan ahalteke bedewleriniň taryhyna, olaryň özboluşly aýratynlyklaryna, bäsleşikleri geçirmegiň tertibine degişli meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu bolsa meýilleşdirilen çäreleriň guramaçylyk derejesine örän jogapkärçilikli we toplumlaýyn esasda çemeleşilýändiginiň güwäsidir.

## 159 million agaç ekildi

Saud Arabystany Patyşalygynda 1 million gektardan gowrak meýdanda 159 milliondan gowrak agaç nahaly ekilip, çölleşmä garşy göreşmekde uly sepgide ýetildi. Ýurtda 2,5 million gektar meýdanyň tokaýlaşdyrylmagy maksat edinilýär. «Saudi Green Initiative» maksatnamasynyň çäklerinde uzak möhletde jemi 10 milliard düýp agaç nahalynyň oturdylmagy göz öňünde tutulýar. Tokaýlaşdyrylan meýdanlar ýygnalan ýagyş suwy bilen damjalama usulynda suwarylýar. Deňiz kenarlarynda bolsa, arassalanan de-



ňiz suwuny ulanmak arkaly mangrow tokaýlary döredilýär. 2050-nji ýyla çenli dowam etdiriljek maksatnamanyň çäklerinde ýurduň 13 sebitinde 350 görnüşli ösümlik ekilýär.

BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek boýunça konwensiýasy (UNCCD) bu taslama ýokary baha berýär. Saud Arabystany Patyşalygy 17 – 28-nji awgust aralygynda Mongoliýanyň paýtagty Ulan-Batorda geçiriljek «UNCCD COP17» maslahatynda bu taslamanyň netijeleri bilen tanyşdyrar. Saud Arabystany Patyşalygy «COP17» maslahatynda mundan ozalky maslahatyň (COP16) ýer eýesi hökmünde çykyş eder.

## Täze sepgide ýetildi

«iPhone» smartfonlaryny öndürmegi bilen tanalýan «Apple» kompaniýasynyň bazar bahasy ilkinji gezek 5 trillion dollardan geçdi. Şeýlelikde, «Apple» korporasiýasy «Nvidia» kompaniýasyndan öňe geçip, bazar bahasy boýunça ýene-de dünýäde birinji orny eýeledi. Tehnologiýa ägirdiniň paýnamalary «Nasdaq» biržasynda 1,8% gymmatlap, 342,89 dollara ýetdi. Bilermenler paýnamalaryň bahasynyň 340,43 dollardan ýokarda saklanan ýagdaýynda 5 trillion dollarlyk sepgitde galjakdygyny belleýärler.



«Nvidia» kompaniýasy şu ýylyň 14-nji maýynda 5,7 trillion dollar bazar bahasy bilen rekord goýupdy. Emma şondan bäri 1 trillion dollara golaý gymmatyny ýitirdi. Soňky ýagdaýa görä, dünýäde ilkinji bäşlige «Alphabet» (4 trillion dollar), «Microsoft» (2,89 trillion dollar) we «Amazon» (2,49 trillion dollar) kompaniýalary girýär. Kompaniýalaryň arasyndaky bu üýtgäp durýan liderlik ýagdaýy tehnologiýa pudagyndaky maýa goýum ugurlarynyň we birža nyrhlarynyň üýtgemegi bilen düşündirilýär.

Awgust aýynyň 1-nji hepdesi – Çagany ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň Bütindünýä hepdeligi

## ENE SÜÝDÜNIŇ ÄHMIÝETI

Çaga üçin ene süýdüniň ähmiýetiniň uludygyny her bir ene-ata bilmelidir. Ene süýdi immunoglubinlere, witaminlere we mikroelementlere baý bolup, çaganyň kadaly ösmegine ýardam berýär we köp kesellerden goraýar. Ene süýdi ýokumly mad-



dalara baý bolup, çaganyň bedeninde ýeňil özleşip, fiziki we ruhy taýdan sagdyn ösmegine ýardam berýär.

Ene süýdi çaga bilen enäniň arasyndaky mähirli gatnaşygy has ýakynlaşdyrýar, çaganyň kesele garşy durmaklygyny has ýokarlandyrýar. Enäniň çagasyny ene süýdi bilen yzygiderli iýmitlendirmegi enelerde köp kelleriň öňüni almaga ýardam berýär.

Saglyk öýlerinde maşgala lukmanlary eneler bilen ysnyşykly aragatnaşyk saklap, ene süýdüniň ähmiýeti barada yzygiderli wagyz-nesihat işlerini geçirýärler.

Watanymyzyň geljegi bolan çagalar Ene süýdi bilen dogry we doly iýmitlenip, sagdyn ösüp, geljekde ýurdumyzyň gülläp ösmegine goşant goşmaly ýaşlardyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda Watanymyzyň geljegi bolan çagalarymyzyň sagdyn nesiller bolup ýetişmegi üçin taýsyz tagalla edilýär. Halkymyzyň asuda we parahat ýaşamagy üçin gijesini gündiz edip zähmet çekýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli işleri rowaçlyklara beslensin.

**Gülruh ASADOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 8-nji Saglyk öýüniň baş lukmany.*

## ERTIR MEKDEP BAZARLARY IŞLÄP BAŞLAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Olaryň arasynda oglanlar we gyzlar üçin ýokary hilli materiallardan öndürilen ýantorbalar, ýurdumyzyň taryhy ýadygärlikleri, paýtagtymyzyň owadan binalarynyň şekilleri bilen bezelen depderler we beýleki okuw esbaplary bar. Dürli okuw derslerine niýetlenip öndürilen



depderler, şeýle hem sözlükdir kartalar ýaşlaryň okuwa bolan höwesini artdyrýar. Okuw esbaplarynyň ählisini mekdep bazarlaryndan we ýörite dükanlardan elýeterli bahadan satyn almaga hemme mümkinçilikler döredilen.

Biziň «Galam» dükanymyz hem indi birnäçe ýyl bäri kanselýariýa harytlary, okuw esbaplary, baýramçylyklar we belli seneler üçin sowgatlyklar satylýan iň uly dükanlaryň biri bolup, ilatymyza ýokary derejede hyzmat edip gelýär hem-de ýyl-ýyldan öz işini kämilleşdirip, hyzmatlaryň gerimini giňeldýär. Ýurdumyzda döredilýän mümkinçilikler milli bilim ulgamyny dünýä derejesine çykarmaga, ýaşlaryň sazlaşykly ösmegine uly itergi berýär. Ýurdumyzyň bilim ulgamyny ösüşiň




şeýle ýokary derejelerine çykarmaga mümkinçilik döreden Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun.

**Döwlet ÖWLÝAGULYÝEW,**
*telekeçi, Aşgabat şäheriniň Halk Maslahatynyň agzasy.*

## Syýahatçylyk pudagy yzygiderli ösýär

Soňky 20 ýylda dünýäde syýahatçylyk pudagy görnetin derejede ösdi. Şunda adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejeleriniň ýokarlanmagy we ýurtlaryň arasynda döredilen ýeňillikleriň täsiriniň bardygy bellenilýär. «Henley & Partners» maslahat beriş kompaniýasynyň taýýarlan maglumatyna görä, soňky 20 ýylda raýatlaryň wiza almazdan gidip bilýän ýurtlarynyň sany 2 esse artypdyr. Häzirki wagtda bir adam ortaça 108 ýurda wizasyz baryp bilýär. Bu görkeziji 2006-njy ýylda 58 eken. Soňky ýyllarda köp döwlet syýahatçylyk pudagyny ösdürmek maksady bilen daşary ýurtlaryň raýatlarynyň wizasyz gelmeklerine mümkinçilik döretdi. Aziýanyň we Ýewropanyň ýurtlarynyň raýatlary has köp ýere wizasyz gidip bilýärler.

Singapuryň raýatlary dünýäniň 192 ýurduna we sebitine wiza almazdan baryp bilýär. Ýaponiýa, Şweýsariýa, Irlandiýa, Awstriýa, Portugaliýa, Finlýandiýa, Daniýa we Täze Zelandiýa ýaly ýurtlaryň raýatlaryndan hem köp ýurda baranlarynda wiza talap edilmeýär. Bu ýurtlar howpsuzlyk babatda hem öňdeligi eýeleýär. Birleşen Arap Emirlikleri soňky 20 ýylda 149 ýurt bilen wizasyz syýahat babatda ylalaşyk gazanypdyr.

**Näzik ÇERKEZOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*



## ÝOKARY TIZLIKLI OTLULARYNY KÖPELDER

Koreýa Respublikasynyň milli demir ýol edarasy bolan «Korail» düzüminde bar bolan otlulary täzelemegi maksat edinýär. «Korail» jemi 49 sany «EMU-320» otly düzümini 5 trillion wona satyn alar. Ýokary tizlikli otlular 2032-nji ýyldan başlap hyzmata hödürlener. Şeýlelikde, ýolagçylaryň barha artýan islegi kanagatlandyrylar. Häzir ulanylýan KTX-I otlulary bolsa, ulanyşdan galdyrylar. Täze alynjak otlularyň her biri 16 wagondan ybarat bolar. Şeýlelikde, jemi 784 täze wagon hyzmata hödürlener. Otlular ýurduň «Hyundai Rotem» kompaniýasyna sargyt ediler.

1997-2003-nji ýyllar aralygynda «Alstom» we «Rotem» kompaniýalary tarapyndan TGV tehnologiýasy esasynda öndürilen KTX-I otlulary 2033-nji ýylda ulanyşdan galdyrylar. Täze EMU-320 otlulary has ýokary tehnologiýa bilen öndürilip, wagonlary diňe öňdäki teplowoz däl, wagonlaryň aşagyna ýerleşdirilen motorlar hereket etdirer. Bu tehnologiýa biri-birine ýakyn ýerleşýän beketleriň arasynda gysga wagtda bat almaga we saklanmaga mümkinçilik berer. 16 wagonly otlular 1 müň ýolagçy orunlyk bolup, sagatda 320 kilometr tizlikde hereket edýär. Häzirki ulanylýan 20 wagonly KTX-I otlulary 955 orunlykdyr.



## 24 SAGATLAP UÇDY

Has uzak aralyga ýolagçy gatnatmak maksady bilen işlenip taýýarlanan «Airbus A350-1000ULR» uçary Awstraliýadan Fransiýa çenli düşlemezden uçdy. Uçuşyň dowamlylygy bir gije-gündizden hem gowrak – 24 sagat 24 minut boldy. Ýörite



işlenip taýýarlanan «Airbus A350-1000ULR» atly howa gämisi bu uçuşy Melburn bilen Tuluza şäherleriniň arasynda amala aşyrdy.

«Qantas» awiakompaniýasynyň «Project Sunrise» atly maksatnamasynyň çäklerinde işlenip taýýarlanan uçar ondan öň Tuluza-Melburn aralygyny 19 sagat 13 minutda geçipdi. Ekipaž 4 sany synag uçarmany bilen 5 sany uçuş inženerinden ybarat boldy. Olar ýangyjyň akdyrylmagy, kabinanyň howalandyrylmagy, ýylylyga gözegçilik etmek we uçuş bilen bagly beýleki tehniki ýagdaýlara gözegçilik etdiler. Uzak aralyga gitmäge niýetlenen «A350-1000ULR» uçaryna göwrümi 20 müň litr bolan goşmaça ýangyç gaby ýerleşdirildi. Bu bolsa, uçaryň geçmeli ýoluny müň mil uzaltmaga ýardam berýär.

«Qantas» kompaniýasy bu uçary, ilkinji nobatda, Sidneý-London aralygyndaky gatnawlarda ulanar. Häzirki wagtda bu aralyga gatnaýan uçarlara ýolda düşläp ýangyç guýmaly bolýar. Täze uçarlar bilen amala aşyryljak gatnaw syýahatyň wagtyny 4 sagat azaldar. Uzak aralyga gatnawyň geljek ýylyň oktýabr aýynda ýola goýulmagyna garaşylýar. Awiakompaniýa Nýu-Ýork–Sidneý aralygynda hem göni gatnawy ýola goýmagy maksat edinýär. «Qantas» şeýle uçardan 12 sanysyny sargyt edipdir. Adaty «A350-1000» uçarlaryna 300-den gowrak ýolagçy ýerleşýän bolsa, ýörite taýýarlanýan uçarda ýolagçy sany 238-e çenli azaldylypdyr.

Häzirki wagtda «Singapore Airlines» kompaniýasynyň Singapur–Nýu-Ýork aralygyndaky gatnawy iň uzak gatnaw bolup, 18 sagat dowam edýär.

## ÄHLI DILLERDÄKI IŇ OWADAN SÖZ

Dünýä dillerini öwredýän «Babbel» platformasy dünýäniň iň owadan eşidilýän sözüni saýlady. Dilçiler 75 dilden 223 söze baha beripdirler. Netijede, maori dilindäki «kaitiakitanga» sözüni iň owadan söz diýip hasap edipdirler. Bu söz tebigaty



goramak we geljekki nesilleriň öňündäki jogapkärçilik diýmegi aňladýar. Sanawa beýleki dile bir söz bilen terjime edip bolmajak sözler girizilipdir. Dilçilerden, ýazyjylardan we medeniýet işgärlerinden ybarat bolan emin agzalary sözleriň ses aýratynlyklaryna, manysyna, medeni baglanyşygyna we tapawutlandyjy häsiýetlerine baha beripdirler.

Sanawyň birinji ornuny eýelän «kaitiakitanga» sözi topragyň, suwuň we janlyjandarlaryň goralmagy, tebigy baýlyklardan peýdalanylanda, diňe häzirki ýaşaýjylaryň däl, geljekki nesilleriň hem göz öňünde tutulmalydygyny aňladýar. Maoriler adamyň tebigatyň eýesi däl-de, bir bölegidigine we goraýjysydygyna berk ynanýarlar. Bu dildäki «kaitiaki» «goraýjy» diýmegi aňladýan bolsa, «kaitiakitanga» bu işiň (goraýjylygyň) durmuşa geçirilmegini aňladýar.

«Babbel» platformasynyň dilçisi Esteban Tuma Portilla klimat bilen bagly täsirleriň has ýiti duýulýan döwründe bu sözüň tebigatyň we biri-birimiziň öňünde jogapkärçiligimizi ýatladýandygyny belleýär.

«Babbel» saýlanan sözüň kesgitli ýagdaýda «iň owadan söz däldigine», dünýäniň dürli medeniýetlerinde owadanlyk, ses we many babatda başga-da owadan sözleriň bolup biljekdigine ünsi çekýär.

**Bägül ATOWOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B.Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 31-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119173
Belgisi: 31/1701
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!



# Türkmenistan-BMG: ählumumy hyzmatdaşlygyň aýdyň ýoly

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň birnäçe mejlislerinde wise-başlygyň borçlaryny belent abraý bilen ýerine ýetirendigini hem-de ýurdumyzyň döredijilikli başlangyçlary esasynda onlarça dünýä ähmiýetli Kararnamalaryň kabul edilendigini aýratyn nygtamak gerek.

Häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň taryhyndaky ýeke-täk tejribe bolan BMG-niň ýörite Kararnamalary bilen ykrar edilen ýurdumyzyň bitaraplyk hukuk derejesi dünýäde howpsuzlygy üpjün etmekde, adamzadyň öňünde duran gaýragoýulmasyz meseleleri sazlaşykly çözmekde, döwletleriň we halklaryň durnukly ösüşi üçin amatly şertleri döretmekde, köptaraplaýyn hyz-



matdaşlygy ösdürmekde halkara bileleşiginiň tagallalaryna hemmetaraplaýyn ýardam bermäge gönükdirilen netijeli gural hökmünde çykyş edýär.

Soňky ýyllarda döwletimiziň Milletler Bileleşiginiň esasy agentlikleri we ýöriteleşdirilen edaralary bilen barha berkeýän gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykýar. Merkezi Aziýa BMG-niň howanyň üýtgemegine garşy göreş, suw we azyk howpsuzlygy, gender deňligi, döwlet hyzmatlaryny sanlylaşdyrmak, bilim we saglygy goraýyş ugurlary boýunça köp sanly başlangyçlary durmuşa geçirmek we giňeltmek üçin meýdança öwrüldi. Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebit merkeziniň döredilmegi bilen baglanyşykly işler, 2023-nji ýylda Arkadag şäherinde başy başlanan Merkezi Aziýa döwletleriniň ýaşlar dialogynyň işi, şeýle hem Aşgabat şäherinde Merkezi Aziýanyň ýaş diplomatlary üçin ilkinji bilelikdäki okuw maslahatynyň geçirilmegi sebitleýin utgaşygyň iş ýüzündäki mysallarynyň hatarynda durýar. Häzirki döwürde Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň arasyndaky strategiki hyzmatdaşlyk täze ösüş depginine we mazmuna eýe bolýar. Ýurdumyz sebit, ählumumy gün tertibiniň ileri tutulýan meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga, olary çözmegiň iň amatly usullaryny işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşyp, öz parahatçylyk we döredijilikli kuwwatyny dünýäniň halklarynyň bähbidine gönükdirýär.

Häzirki wagtda döwlet Baştutanymyzyň halkara hem-de sebitleýin syýasy giňişlikde öňe sürýän başlangyçlary esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 81-nji sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlary taýýarlanyldy. Şoňa laýyklykda, ýurdumyz parahatçylyk, howpsuzlyk we öňüni alyş diplomatiýasy ýörelgeleri esasynda täzeçil teklipleri öňe sürýär. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Halkara gatnaşyklarda we diplomatiýada emeli aňy parahatçylykly ulanmak boýunça halkara kodeksi işläp taýýarlamagy teklip eder. Bu ugurda BMG-niň howandarlygynda Aşgabatda Sanly ynanyşmak we emeli aňy jogapkärçilikli ulanmak meseleleri boýunça halkara bilermenler dialogyny geçirmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem ulag, durnukly söwda logistikasy we gümrük hyzmatdaşlygy, ekologik howpsuzlygy, howanyň üýtgemegi we energiýa serişdelerinden rejeli peýdalanmagy, ynsanperwer hyzmatdaşlykda zenanlaryň we ýaşlaryň dialogyny ösdürmäge aýratyn üns berilmegi ýurdumyzyň dünýä jemgyýetçiliginiň işine işjeň goşulýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.

Umuman, Türkmenistanyň BMG bilen netijeli we köpugurly hyzmatdaşlygy hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen diplomatik işjeňligini hem-de halkara gatnaşyklar ulgamyndaky abraýyny alamatlandyrýar. Bu bolsa döwletimiziň içeri we daşary syýasy ugrunyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna hem-de öz üstüne alan halkara borçnamalaryna ygrarly bolup galýandygy bilen şertlendirilendir.

**Hydyr ABAKOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Medeniýet we metbugat bölüminiň uly gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

# Halk Maslahatynyň syýasy we jemgyýetçilik ähmiýeti

Türkmen jemgyýetinde il-ýurt bähbitli meseläni geňeşip çözmek gadymy ýörelgedir. Ýaşulynyň tejribesi, jemgyýetiň pikiri we ýolbaşçynyň jogapkärçiligi şol ýörelgede birleşipdir.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramyna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryny ýerine ýetirmegiň wajyp meselelerine garaldy.

Mejlisde eden çykyşynda Milli Liderimiz: «Halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri bolup dur-



ýar. Şeýle-de ýurdumyzda durmuşa geçirilýän maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegine halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak hemişe üns merkezinde bolmalydyr» diýip, belledi.

Halk Maslahatynda möhüm döwlet meseleleri boýunça tekliplere garalýar we olar makullanýar, içeri hem daşary syýasatyň esasy ugurlary, ösüş maksatnamalary we konstitusion başlangyçlar ara alnyp maslahatlaşylýar.

Konstitusion kanun Halk Maslahatynyň işini anyk ýörelgelere baglaýar. Olaryň arasynda demokratiýa, aýanlyk, adalatlylyk we kanunyň hökmürowanlygy bar. Şeýle hem adamyň hukuklaryna hormat goýmak, çözgütleri erkin ara alyp maslahatlaşmak we jemgyýetçilik pikirini nazara almak görkezilýär.

Kanun maslahatlaşmanyň guramaçylyk tertibini hem belleýär. Mejlisiň ýylda azyndan bir gezek geçirilmegi hökmanydyr. Agzalaryň azyndan üçden iki bölegi gatnaşanda, mejlis ygtyýarly hasaplanýar. Halk Maslahatynyň Prezidiumy bolsa, hemişelik hereket edýän kollegial edara hökmünde taýýarlyk işlerini alyp barýar.

Halk Maslahatynyň düzüminde döwlet ýolbaşçylary, Mejlisiň deputatlary, ýerli halk maslahatlarynyň wekilleri we jemgyýetçiligiň dürli toparlary birleşýär. Şol sebäpli ýurduň ileri tutulýan meseleleri dürli derejedäki tejribäniň esasynda ara alnyp maslahatlaşylýar. Kabul edilen çözgütler degişli döwlet edaralary tarapyndan öz ygtyýarlyklarynyň çäginde ýerine ýetirilýär.

Halk Maslahatynyň mejlisleriniň jemgyýetçilik ähmiýeti bolsa raýatlaryň teklipleri bilen alnyp barylýan işde has aýdyň görünýär. Gün tertibine giriziljek meseleler öňünden ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu iş ýerli halk maslahatlary, Mejlis, Hökümet, häkimlikler we jemgyýetçilik birleşikleri bilen utgaşykly alnyp barylýar.

Prezidiumyň işi teklipleri ýygnamak bilen tamamlanmaýar. Guramaçylyk topary gün tertibiniň taslamasyny, resminamalary we maglumatlary öňünden taýýarlaýar. Ýerli halk maslahatlaryna usulyýet goldawy berilýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin düşündiriş maglumatlary hem taýýarlanylýar. Welaýatlardan ýa-da etraplardan gelip gowşan teklipler umumylaşdyrylyp, döwlet derejesindäki maslahata ýetirilýär. Esasy ölçeg şol teklibiň seljerilmegi, degişli edara ýetirilmegi we ýerine ýetirilişiniň jemgyýetçilige düşnükli beýan edilmegidir.

Şu ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek Halk Maslahatynyň mejlisinde tutumly işlere badalga berler, halkymyzyň bagtyýarlygy, ýurdumyzyň berkararlygy üçin taryhy kararlar kabul ediler. Munuň özi asylly ýörelgeleriň dowamat-dowamdygynyň ýene bir aýdyň güwäsi bolar. Halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, adamzat ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun.

**Huseýin ŞAÝYMOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň Ätiýaçlandyryş işi kafedrasynyň uly mugallymy, hukuk ylymlarynyň kandidaty.*



# Milli mirasymyzyň halkara ykrarnamasy

Türkmenistanyň halkara gatnaşyklary ulgamynda işjeňliginiň yzygiderli artmagy hormatly Prezidentimiziň çuňňur oýlanyşykly we anyk işlenilip düzülen syýasatynyň netijesine öwrülýär. Şunda BMG-niň düzümine girýän iri halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Bu ugurda, ilkinjileriň hatarynda, ÝUNESKO-ny görkezmek bolar. ÝUNESKO Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolup, esasy maksady bilim, ylym we medeniýet ulgamynda ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi arkaly parahatçylygyň we howpsuzlygyň ösdürilmegi bolup durýar. Ýurdumyzda milli mirasa sarpa goýmak, dikeltmek, gorap saklamak we geljekki nesillere ýetirmek ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Bu ugurda ýurdumyzyň başlangyjy esasynda türkmen halkynyň maddy we ruhy medeniýetiniň köpsanly ýadygärlikleri hem-de gymmatlyklary ÝUNESKO-nyň sanawyna girizildi.

ÝUNESKO-nyň «Bütindünýä medeni we tebigy mirasyny goramak baradaky» Konwensiýasy esasynda, ýurdumyzyň çäklerinde taryhy we medeni ýadygärlikleriň 1000-den gowragy ýüze çykaryldy we hasaba alyndy. Bu Konwensiýanyň çäklerinde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna, «Gadymy Merw» döwlet medeni-taryhy goraghanasy (1999), «Köneürgenç» döwlet medeni-taryhy goraghanasy (2005), «Nusaýyň Parfiýa galalary» döwlet medeni-taryhy goraghanasy (2007) ýaly ýadygärliklerimiz girizildi.

2011-nji ýylda Türkmenistan ÝUNESKO-nyň «Maddy däl medeni mirasy goramak baradaky» Konwensiýasyna goşuldy we şondan bäri hem onuň işjeň agzalarynyň biri bolup durýar. ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna «Görogly» şadessanynyň (2015), «Küştdepdi» türkmen milli aýdym-tans sungatynyň (2017), Türkmen milli halyçylyk sungatynyň (2019), dutar ýasamak senetçiligi, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň (2021), türkmen keşdeçilik sungatynyň (2022) girizilmegi maddy we ruhy medeniýete goýulýan sarpanyň aýdyň nyşanydyr.

Golaýda ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Onda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek üçin hödürlenen Türkmenistanyň endemik dermanlyk ösümlikleri bilen baglanyşykly halk lukmançylygyndaky däpleri hem-de tahýa taýýarlamagyň sungaty we ony geýmegiň däpleri, şeýle-de «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň Aziýa – Ýuwaş umman sebitleýin sanawyna girizilmegi teklip edilen, VIII asyrda ýaşap geçen meşhur alym, akyldar sopy Ybraýym Edhemiň durmuşy we filosofiýasy barada ýurdumyzyň golýazmalar gaznasynda saklanýan ýazuw gymmatlyklary barada gürrüň edildi.

Ýurdumyzyň endemik dermanlyk ösümlikleri barada gürrüň edilende, bu Gahryman Arkadagymyzyň köpýyllyk ylmy işi bilen berk baglanyşyklydyr. Türkmen tebigatynda ençeme dermanlyk ösümlikler ösýär. Halk lukmançylygynda peýdalanylýan şeýle ösümlikleri hemmetaraplaýyn ygtybarly öwrenmäge aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, alym Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň ähmiýeti uludyr.

Tahýa barada aýdylanda bolsa, türkmen zenanlarynyň özboluşly el işleriniň netijesi bolan tahýalar dürli ýaşdaky adamlara hem-de oglandyr gyzlara niýetlenýär. Ençeme asyrlaryň dowamynda türkmen zenanlary haly-palas dokamagyň, keçe salmagyň inçe syrlaryny, gaýma gaýap, keşde çekme-



giň özboluşly tilsimlerini örän aýawly saklap, biziň günlerimize ýetiripdirler. Her bir el işiniň özboluşly dünýäsi bar. Türkmen zenanlarynyň zehin-başarnygynyň, irginsiz zähmetiniň miwesi bolan el işleriniň hersi aýratyn ähmiýete eýedir. Nepis keşdelenen tahýalary ähli döwürlerde geýipdirler. Tahýa degişli taryhy maglumatlary gadymy döwürlere degişli arheologiýa tapyndylarynda hem görmek bolýar. Bu bolsa türkmen tahýasynyň gözbaşyny has gadymy döwürlerden alyp gaýdýandygyna şaýatlyk edýär. Beýleki egin-eşiklerde bolşy ýaly, türkmenlerde ähli ýaşdaky adamlar üçin aýratynlykda tahýa tikilipdir. Türkmen tahýasyna syn edenimizde, gözüňi gamaşdyryp duran dürli reňkleri görýäris. Zenanlar, esasan hem, ak, gara, gyzyl, gök, ýaşyl, sary reňkleri halydyr palaslaryna, keşdedir nagyşlaryna, geýim-gejimlerine siňdiripdirler. Türkmen gelin-gyzlary «gülýaýdy», «akgaýma», «egrem», «tegbent», «üzülmez», «labyr», «ýylan ýoly», «içýanagyz goçak», «siňirme» ýaly nagyşlary salnan tahýalary atalaryna, doganlaryna, jigilerine geýdiripdirler. Bu nagyşlaryň her biri türkmene mahsus häsiýetleri, durmuşyna, ruhy dünýäsine degişli maglumatlary özünde jemleýär.

Mahlasy, türkmen halkynyň baý medeni mirasyny dünýäde giňden wagyz etmek ýurdumyz bilen ÝUNESKO-nyň netijeli hyzmatdaşlygynda öz beýanyny tapýar.

**Parahat ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň harby talyby.*

# EDEBIÝAT

## *Jeýms Fenimor Kuper: «Iň esasy zat durmuşda nämäni arzuw edýändigiňe düşünmekdir, soňra ony diňe amala aşyraýmak galýar».*

Amerikan ýazyjysy Jeýms Fenimor Kuper (1789–1851) dünýä edebiýatynyň başdangeçirmeler görnüşiniň nusgawy wekili hasaplanýar. Kuper amerikan halkynyň durmuşyndan onlarça romanlary döretdi, onuň iň meşhur eseri dogduk topraklarynda gadymy oturymly halk bolan indeýleriň durmuşy barada gürrüň berýän «Mogikanlaryň iň soňkusy» romanydyr. Bu roman häzirki günde-de tutuş dünýäde giňden söýlüp okalýan eserleriň biridir.

Ýazyjynyň kakasy Wilýam Kuperiň bagty çüwdi: ol jemgyýetde hormatlanýan Fenimorlaryň maşgalasynyň görk-görmekli gyzynyň göwnüni awlamagy hem-de oňa öýlenmegi başardy. Aradan birnäçe ýyl geçensoň bolsa, Wilýam Kuper Otsego kölüniň etrabyndan kyrk akr ýer bölegini arzanjak nyrhdan satyn aldy. Bu kölüň günorta kenarýakasynda, Saskuinhanna derýasynyň gözbaş alýan ýerinde ol öz adyny göterýän şäherçäniň düýbüni tutup başlady.

Otsegonyň alkymyndaky şäherçäniň ilaty 35 hojalyga ýetende, Wilýam oňa özüniň köpsanly ilen-çalanlaryny göçürip getirdi. Olaryň arasynda Kuperiň körpe ogly Jeýms hem bardy. Täze şäherçe körpe Jeýms üçin hakyky jennet bolup göründi. Ýogsam näme, olaryň giň öýleriniň penjireleri Otsego kölüne bakyp durdy. Gyşyna ol ýerde aýagyň typgyçly gezip, tomsuna bolsa, kölde suwa düşüp, balyk tutup hem-de gaýykly ýüzüp bolýardy. Tokaýy diýsene! Heniz adam eli degmedik tokaýyň belli bahasy ýokdy, ondan Kuperstaunyň köçesine, garaşman durkaň, şahlary burum-burum çal sugun çykýardy.

Jeýms özi üçin görlüp-eşidilmedik erkinligiň hezilini görýärdi. Kuperstaunda ýekeje mugallymynyň bardygyna garamazdan, «Akademiýa» diýlip atlandyrylýan mekdepdäki sapaklaram çaganyň keýpini bozup bilmeýärdi. Emma Jeýmse diýseň hoş ýakýan bu hezillikler onuň ene-atasyny asla gyzyklandyrmaýardy, Wilýam Kuper eýýäm hormatlanýan kazydygyna garamazdan, oglunyň bikär hem gödek kowboý däl-de, okumyş we sylanýan adam bolmagyny isleýärdi.

Maşgala geňeşinde ony abraýly Ýel kollejine okuwa ibermek barada karara gelindi. Emma bu okuw mekdebiniň diwarlarynyň içinde ýetginjegiň uzak eglenesi gelmedi. Bir gezek synp otaglarynyň biriniň gapysyny gödeklik bilen döwen Jeýmsi okuwdan kowdular. Bu ene-atasynyň öz dikrarlaryny jemgyýet tarapyndan sylanýan adam edip ýetişdirmek baradaky arzuwynyň soňuna nokat goýlandygyny aňladýardy. Oglunyň gyňyr häsiýetlerini her edibem bolsa agyzdyryklamak islän kakasy ony deňiz gullugyna ýollady. Ilki deňizçi esger, soň kiçi serkerde bolup geçiren dört ýylynyň dowamynda Jeýms gämilerde ýüzdi, bu oňa, elbetde, kem ýaramady. Eger on sekiz ýaşly näzenin Sýuzan Augusto de Lansä duşmadyk bolsady, ol deňizçiligine hem galsa galardy. Emma ýaşajyk hanym oňa harby deňizçiligini taşlasa, durmuşa çykmaga razylyk berjekdigini mälim etdi.

Kuper özdiýenli Sýuzan bilen jedelleşip oturasy işiň ýokdugyna göz ýetirdi. Ol kakasynyň mülküniň alkymyndan kiçeňräk ýer bölegini satyn alyp, gelni bilen şol ýerde ýerleşdi. Kem-kem daýhançylyk tärlerini öwrendi. Birdenem daş-töweregindäkileri haýran galdyryp, roman ýazmak bilen meşgullanyp başlady...

Bu şeýle boldy. Bir gezek Jeýms Kuper ýoňlan




gelnine Ýewropadan getirilen kitaby okap berip otyrdy. Kitapdaky wakalar şeýle bir gurak, içgysgynç beýan edilýärdi welin, ol çydam edip bilmän: «Eý, Taňrym, senden-ä menem gowy ýazardym!» diýip kitabyň awtoryna gaýybana käýinip goýberdi. Aýaly Jeýmsiň bu sözüne ýylgyrmak bilen jogap berdi, sebäbi ol adamsynyň stoluň başynda oturyp, hat ýazmagy halap barmaýan adamdygyny oňat bilýärdi.

Emma Kuper bu ýerde-de hemişeki gyňyrlygyny etdi, stoluň başyna geçdi-de, birnäçe aýyň içinde özüniň hyýalkeşlige ýugrulan «Seresaplylyk» atly ilkinji romanyny ýazyp gutardy. Soň okamaga beren dost-ýarlarynyň hem ilen-çalanlarynyň maslahaty bilen ilkinji romanyny neşir etmegiň kül-külüne çykdy.

Elbetde, «Seresaplylyk» aňrybaş kitap-ha däldi, ýöne läliksiredilen okyja täze kitabyň neşir edilmeginiň özi-de eýýäm gyzyklydy. Ilkinji kitabynyň, garaz-ha, okalýandygyndan ganat beklän Kuper edebiýat bilen meşgullanmagyny dowam etmegi berk ýüregine düwdi. Ol indi Amerikanyň taryhy barada roman ýazmagyň arzuwyna ulaşdy. Şol wagt Kuperiň watanynda milli edebiýat asla ýok diýseňem boljakdy. Şonuň üçin britaniýaly edebiýat tankytçylary «Heý, haçanam bolsa, hakyky amerikan kitabyny ýa-da amerikan pýesasyny okap göreniňiz barmy? Hany olaryň Skottlary, Kempbelleri, Baýronlary?» diýen sowaly bermegi gowy görýärdiler. Olaryň bu gižželeýji sowallary çetine degen Kuper öňünde ägirt uly maksat goýdy. Kitabyň ýordumyny oňa bir wagt Howpsuzlyk boýunça geňeşde gulluk eden ýakyn dostlarynyň biri salgy berdi. Ol adam, ýagny, Jon Jeý ABŞ-nyň Garaşsyzlygy ugrundaky söweşlerde özüniň angliýalylaryň harby maksatlary barada gizlin maglumat getiren içalylar bilen duşuşandygyny gürrüň berip öwünmegi halaýardy... Ine, şol içaly hem Kuperiň «Içaly» atly amerikan taryhyna degişli ilkinji romanynda baş gahrymanyň ornuny eýeledi.

Emma şowly çykan hem bolsa, ýeke-täk roman milli edebiýaty hasyl etmeýär. Kuper welin, juda tutanýerlidi, ol ýene galama ýapyşdy. Bu gezek özüniň meşhur «Ilkibaşkylar» eserini – amerikan topraklaryny ilkinji özleşdirijiler baradaky romanyny ýazýar. Bu romanda okyjylar soň şöhrata beslenen edebi gahrymanlar – akýagyz awçy Natti Bampo hem onuň wepaly indeý dosty Çingaçguk bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar... Romanyň neşir edilmegi Kupere şöhrat getirdi, emma arzuwlanýan ummasyz gazanç welin, heniz alysdady. Bir gezek ummasyz bergileri üçin onuň öý goşlaryny tasdan auksionada çykarypdylar. Hemişe pulsuzlygy Kupere özüniň pynhan arzuwyny – Ýewropa syýahat etmegi amala aşyrmaga päsgel berýärdi. Aradan birnäçe ýyl geçensoň, ol bergilerini üzlüşdi hem maşgalasyny alyp, Fransiýa ýola düşdi. Fransiýa ugramazyndan öň ol ejesiniň islegini durmuşa geçirdi: ýerli häkimiýetlerden öz adynyň Jeýms Fenimor Kuper diýlip tutulmagyny gazandy. Ýewropada ýazyja haýran ediji duşuşyk garaşýardy: şol gün myhmanhanadan çykanda, onuň bir goja gözi düşdi. «Meniň göwnüme onuň ýüzi tanyş ýalydy» diýip, ýazyjy ýatlaýar. «Biz birek-birek bilen däp bolşy ýaly, baş atyp salamlaşdyk. Emma birdenkä nätanyş goja aýak çekdi-de, menden fransuzçalap: «Men jenap Kuperi görüp bilmezmikäm?» diýip sorady. Soňam sözüniň üstüni ýetirdi: «Meniň adym Walter Skott».

Bu görülmedik hormatdy. Dünýä meşhur ýazyjy, görlüp oturylsa, tankytçylar tarapyndan «Amerikanyň Walter Skotty» diýlip baha berlen ýazyjy Jeýms Kuperi görmek üçin ýörite Londondan gelen eken...

Kuper Ýewropadaky durmuşdan lezzet alýardy. Ol Fransiýany, Italiýany, Şweýsariýany, Angliýany aýlanyp çykdy. Aradan ýedi ýyl geçensoň, watanyna dolanmak kararyna geldi.

Watany bilen uzak ýyllardan soňky duşuşyk Kupere şatlyk getirmedi. Ýewropa bilen tanyşlykdan soň, oňa Amerika tukat bolup görünýärdi. «Men öz ýurdum bilen aýrylyşdym...» diýip, soň Fenimor Kuper gussa bilen ýatlady.

Amerikalylarmy? Olar ýazyjyny islendik zady üçin bagyşlap biljekdiler, emma Kuperiň özleriniň söýgüli demokratiýalaryny tankyt etmegini welin bagyşlap bilmeýärdiler. Kuperden nägilelik gazet sahypalaryna doldy. Tankytçylar hatda onuň şahsyýetine dil ýetirmekdenem gaýtmaýardylar. Ýazyjynyň «Monikinler» atly romany neşir edilenden soň bolsa, ony «akylyndan azaşan» diýip tankytladylar. Kuperiň bihaýa redaktorlara garşy kazyýet seljerişleri diňe oda nepýag guýýardy. Ýazyjynyň «Kuper ýazjagyny ýazdy, onuň gory tükendi» diýen ýaňsyly söz bilen asla ylalaşasy gelmeýärdi. Megerem, hut şu çetine degiji sözleriň ýalandygyny subut etmek üçindir, ol «Gön jorap» baradaky meşhur romanlaryny ýazmagyny dowam edýärdi. Kitapdan kitaba onuň baş gahrymany juwanlaşýardy, beýan edişi has gussaly we hyýalbent häsiýete eýe bolýardy.

Hiç zat Kuperi boýun egmäge mejbur edip bilmeýärdi. Ol henizem özüniň syýasy garaýyşlaryny gizlemek islemeýärdi we kazyýet edaralarynyň işigini torç edýärdi. Dogduk watany Kuperstaunyň ýaşaýjylarynyň edebiýaty hälki bir tenteklik hasap edýändikleri-de oňa nobatdaky eseriniň üstünde işlemäge päsgel bermeýärdi. Iň ahyrky küti kitaby bolan «Nýu-Ýorkuň taryhy» ýazyjynyň ýurduny täzelemeginden birnäçe aý öň neşir edildi.

Her niçigem bolsa, Jeýms Fenimor Kuper amerikan edebiýatynyň düýbüni tutujylaryň biri hökmünde taryha girmegi başardy. Ol bu mertebä özüniň eser ýazmak barada tötänden dörän pikirini durmuşa geçirmek hem-de zehinini ykrar etdirmek ugrunda çeken yhlasly we tutanýerli zähmeti bilen ýetdi. Kuperiň işjanlylygy, erjelligi ýazyjylaryň islendigi üçin görelde mekdebi bolup bilse gerek. Onuň romanlarynyň gahrymanlary bolsa, bu gün kitaplardyr çeper filmler arkaly nesilleriň hakydasynda baky ýaşaýşyny dowam edýär...

**Taýýarlan Hemra HUDAÝGULYÝEW.**

## Paýhaslar

☑ Biz hakyky möhüm zatlar hakynda gepleşmegimizi bes edenimizde, durmuşymyz paýawlap ugraýar.

☑ Iň soňunda siz bäsdeşleriňiziň sözlerini däl-de, dostlaryňyzyň dymandygyny ýatlarsyňyz.

***Martin Lýuter King.***

☑ Her kim adamzady özgertmek isleýär, ýöne hiç kim özüni nädip üýtgetmelidigi hakda pikir etmeýär.

***Lew Tolstoý.***

☑ Maksadyň aýdyňlygy ähli üstünlikleriň gözbaşydyr.

***Wilýam Klement Stoun.***

☑ Agaç ekmegiň iň amatly wagty mundan 20 ýyl ozaldy. Indiki amatly pursat bolsa şu gün.

***Hytaý nakyly.***

☑ Ýatda saklaň, hiç kim razyçylygyňyz bolmasa, sizi kemsidilen ýaly duýmaga mejbur edip bilmez.

***Eleonora Ruzwelt.***

☑ Hiç haçan ýykylmazlyk durmuşdaky iň uly üstünlik däl. Iň esasy zat, her gezekde turmagy başarmak.

***Nelson Mandela.***

☑ Biz dünýäniň ösüşine goşant goşmak üçin geldik. Eýsem, näme üçin biz bu ýerde?

***Stiw Jobs.***

☑ Göwher laýa gaçsa-da, göwherligine galar. Çaň asmana göterilse-de, çaňlygyna galar.

***Saadi.***

☑ Gowy kitap beýik akyl eýesiniň ömründen soň hem täze ömür berlen gymmatly ruhy mirasydyr.

***Jon Milton.***

☑ Dünýäniň nähilidigini biziň oňa bolan garaýşymyz kesgitleýär.

***Mark Awreliý.***

☑ Ýa bolşuň ýaly görün, ýa-da görnüşiň ýaly bol.

***Möwlana Jelaleddin Rumy.***

☑ Meni ýok edip bilmedik zat meni has-da güýçlendirýär.

***Fridrih Nise.***

☑ Siz adama hiç zat öwredip bilmersiňiz, diňe şol zady oňa içinden tapmaga kömek edip bilersiňiz.

***Galileo Galileý.***

☑ Aýdylman galan duýgular hiç wagt ölmeýär, olar ömürboýy adamyň içini iýip, bir gün has erbet görnüşde daşyna çykýar.

***Zigmund Freýd.***

☑ Taryhdan alýan ýeke-täk sapagymyz adamlaryň taryhdan hiç hili sapak almaýandygydyr.

***Georg Wilgelm Fridrih Gegel.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**gysga setirlerde**



**Beýik Britaniýa sanly wiza geçdi.** Beýik Britaniýa fiziki wizalary elektron wizalar (eVisa) bilen doly çalşyp, sanly ulgama geçdi. Mundan beýläk pasportlara stiker ýelmenmän, rugsatnamalar diňe elektron görnüşde berler. Bu format galplygyň öňüni alyp, serhetde statusy çalt tassyklamaga mümkinçilik berýär. Ýurda ugramazdan öň, ýolagçylara immigrasiýa gullugynyň saýtyndaky şahsy sahypasyndan wizanyň işjeňdigini barlamak maslahat berilýär.



**Luwr kolleksiýasy «Samsung»-da.** «Samsung» kompaniýasy «Art Store» hyzmatyna Luwr muzeýinden täze 34 sany sungat eserini goşdy. Indi ulanyjylar Luwr muzeýiniň jemi 51 eserini, şol sanda Leonardo da Winçiniň «Mona Liza» atly meşhur kartinasyny öz öýünde synlap bilerler. 5 müňden gowrak sanly eseri jemleýän bu hyzmat kompaniýanyň 2025–2026-njy ýyllarda öndürilen täze telewizorlarynda hödürlenýär.



**Polşadan Italiýa çenli täze ýöriş ugry.** Ýewropada uzynlygy 3,5 müň kilometre deň bolan «Wolf Trail» atly pyýada ýöriş ugry döredildi. Polşadan Italiýa çenli uzaýan bu ugur syýahatçylara alty döwletiň çäginden geçmäge mümkinçilik berýär. «Jack Wolfskin» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzülen ýol ýörite ýerlerden we dag düşelgeleriniň üstünden geçýär. Bu uzak aralykly ýörişi doly geçmek üçin ortaça 4-6 aý wagt gerek bolýar.



**Peruda täze Prezident.** Saýlawlarda 50 müň ses artyk toplan Keýko Fuhimori 2026 – 2031-nji ýyllarda ýurda ýolbaşçylyk eder. Ilki bilen syýasy durnuklylygy we ykdysady ösüşi üpjün etmegi meýilleşdirýän täze Baştutan tiz arada Hökümet agzalaryny tassyklar. Şeýle hem Premýer-ministr wezipesine Luis Galarretanyň bellenilmegine garaşylýar.



**Täze milli goraghana döredilýär.** Çiliniň hökümeti Günorta Amerikanyň çetki zolagynda 150 müň gektar meýdanda täze Keýp-Fruard milli goraghanasyny döredýär. «Rewilding Chile» gaznasynyň bölüp beren ýerlerinde guralýan bu seýilgäh ýitip gitmek howpy abanýan huemul sugunlaryny we deňiz jandarlaryny goramaga gönükdirilendir. Seýilgäh Patagoniýanyň giň goralýan tebigy zolagyna birleşdirilip, sebitdäki ekoulgamy goramaga hyzmat eder.



**«Titanigiň» ýolagçysynyň haty.** Beýik Britaniýanyň Dewizes şäherindäki auksionda «Titanigiň» ýolagçysy Genri Praýs Hojesiň heläkçilikden öň ýazan iň soňky haty 60 müň funt sterlinge (80 müň dollar) satyldy. 1912-nji ýylyň 10-njy aprelinde Kwinstaundan dostuna iberilen bu hatda gämidäki asuda durmuş barada gürrüň berilýär. Gämi 1912-nji ýylyň 14-nji aprelinden 15-nji apreline geçilýän gije Demirgazyk Atlantikada aýsberge urlup, ummanyň düýbüne gidýär.

**5 çaşka kofe ýürege peýdaly.** Amerikan Kardiologiýa assosiasiýasynyň täze barlaglaryna görä, ulylara her gün şeker goşulmadyk 5 çaşka kofe içmek ýürek-damar keselleriniň, insultyň we diabetiň töwekgelçiligini azaldýar. Iň amatly netijeler her günde 2-4 çaşka kofe içýänlerde bellenilýär. Şeýle-de bolsa, kofeiniň täsiri adamyň genetikasyna we metabolizmine bagly bolup, aşa köp goşundylar hem-de süýjülikler bu içginiň peýdasyny ýok edip bilýär.



# Ýewro banknotlarynyň täze dizaýny

Ýewropanyň Merkez banky (ÝMB) täze ýewro banknotlarynyň dizaýnynyň jemleýji taslama görnüşlerini köpçülige hödürledi hem-de Ýewropa Bileleşiginiň ýaşaýjylaryny iň gowy dizaýnlary saýlamak boýunça geçirilýän ses berlişige işjeň gatnaşmaga çagyrdy. Frankfurtda ÝMB-nyň başlygy Kristin Lagard tarapyndan tanyşdyrylan 10 sany taslamanyň arasyndan ýeňiji köpçülikleýin maslahatlaşmalaryň we raýatlaryň ses bermeginiň netijesinde kesgitlener. Hödürlenen 1200 sany eskiziň arasyndan saýlanyp alnanlar netijede iki esasy temalaýyn ugur – «Ýewropa medeniýeti» hem-de «Ýewropa tebigaty» boýunça taýýarlandy.



«Ýewropa medeniýeti» ugrunyň üstün çykan ýagdaýynda, banknotlarda Ýewropanyň taryhynda we ylymbiliminde öçmejek yz galdyran beýik şahsyýetleriň şekilleri ýerleşdiriler. Ýagny, 5 ýewrolyk banknotda meşhur opera aýdymçysy Mariýa Kallas, 10 ýewroda nemes kompozitory Lýudwig wan Bethowen, 20 ýewroda fizika we himiýa boýunça Nobel baýragynyň eýesi Mariýa Kýuri suratlandyrylar. Şeýle hem 50 ýewrolyk banknota dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren «Don Kihot» romanynyň awtory Serwantesiň, 100 ýewroda beýik şahsyýet Leonardo da Winçiniň, 200 ýewrolyk banknotda bolsa Parahatçylyk boýunça Nobel baýragynyň eýesi Berta fon Zutneriň keşpleri ýerleşdiriler.

Alternatiw hökmünde hödürlenýän «Ýewropa tebigaty» ugry bolsa yklymyň biodürliligini we daşky gurşawy gorap saklamagyň möhümdigini öňe sürýär. Bu tapgyrdaky her bir banknotyň ýüz tarapynda derýanyň boýundaky ýerli guşlaryň şekilleri ýerleşdiriler. Banknotlaryň arka tarapynda bolsa Ýewropa Bileleşiginiň esasy edaralarynyň – Ýewropa parlamentiniň, Ýewropa Komissiýasynyň, Ýewropanyň Merkezi Bankynyň, Ýewropa Bileleşiginiň kazyýetiniň, Ýewropa Geňeşiniň hem-de Ýewropanyň Auditorlar palatasynyň binalary ýerleşdiriler. Köpçülikleýin maslahatlaşmalar we ses berlişikler tamamlanandan soňra, ÝMB saýlanyp alnan taslamanyň esasynda täze banknotlary çap etmegiň tehniki tapgyrlaryna başlar.

# Dalaşgärleriň açyk maslahaty

**Birleşen Milletler Guramasynyň ştab-kwartirasynda BMG-niň Baş sekretary wezipesine dalaşgärleriň gatnaşmagynda «BMG-niň Baş sekretaryny saýlamak boýunça açyk maslahat: nobatdaky Baş sekretar» diýen tema boýunça açyk söhbetdeşlik geçirildi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň zalynda geçen çäräniň barşynda alty dalaşgär moderatorlaryň hem-de gatnaşyjylaryň guramanyň býujet meseleleri, BMG-niň ulgamyny özgertmek, şeýle hem halkara ýagdaýlary we çökgünlikler baradaky sowallaryna jogap berdiler.**

**BMG-niň Baş sekretary wezipesine Atom energiýasy boýunça halkara agentliginiň (MAGATE) Baş direktory Rafael Grossi, BMG-niň Adam hukuklary boýunça öňki Ýokary komissary Mişel Baçelet, Senegalyň öňki Prezidenti Maki Sal, BMG-niň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň (ÝUNKTAD) Baş sekretary Rebeka Grinspan, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynyň başlygy (2018-2019-njy ýyllar) Mariýa Fernanda Espinosa hem-de**



**Gaýana Respublikasynyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili Karolin Rodriges-Birkett dalaş edýärler.**

**Şu ýylyň 31-nji dekabrynda häzirki Baş sekretar Antoniu Guterrişiň ygtyýarlyk möhleti tamamlanýar. Ol bu ýokary wezipäni yzygiderli iki bäşýyllyk möhletiň barşynda eýeläp geldi.**

# PARLAMENTDE ZENANLARYŇ SANY ARTÝAR

Parlamentara bileleşiginiň (PAB) hasabatyna görä, Gyrgyzystan dünýäniň milli parlamentleriniň arasynda zenanlaryň wekilçiliginiň iň köp ýurdy boldy. Geçen ýyl ýurduň parlamentindäki zenan deputatlaryň paýy 12,9% ýokarlandy. Sanawda indiki orunlary Sent-Winsent we Grenadinler (+12,3 göterim) hem-de Sent-Lýusiýanyň parlamentiniň ýokarky palatasy (+9,1 göterim) eýeledi. Hasabat döwründe dünýäniň käbir ýurtlarynda, şol sanda Awstraliýada (46%), Ekwadorda (45%) parlamentdäki zenanlaryň sany boýunça taryhy rekordlar goýuldy. Ýaponiýada bolsa taryhda ilkinji gezek Premýer-ministr wezipesine zenan maşgala saýlandy we parlamentiň ýokarky palatasyndaky zenanlaryň



paýy 29,4 göterime ýetdi.

Şunuň bilen birlikde, şu ýylyň ýanwar aýynyň maglumatlaryna görä, bütin dünýäde zenanlar parlamentdäki orunlaryň 27,5 göterimini eýeleýärler, bu bolsa geçen ýyldakydan (27,2%) az-kem ýokarydyr. Hasabat 2025-nji ýylda parlamentiň düzümi täzelenen 49 ýurduň maglumatlaryna esaslanýar. Dünýäniň aýry-aýry sebitlerine seredeniňde, iň ýokary görkeziji Amerika ýurtlaryna degişli bolup, ol ýerde zenan deputatlaryň paýy 35,6 göterime barabardyr. Şeýle-de dünýäde gender deňligi doly üpjün edilen ýa-da zenanlaryň sanynyň erkeklerden köp bolan ýurtlaryň ýedisi hasaba alnyp, olaryň hatarynda Boliwiýa, Kuba, Nikaragua, Meksika, Ruanda, Andorra we Birleşen Arap Emirlikleri bar. Iň pes görkeziji bolsa Ýakyn Gündogar we Demirgazyk Afrika sebitlerinde (16,2%) hasaba alnyp, Oman, Tuwalu we Ýemen ýaly ýurtlaryň parlamentlerinde zenan deputatlar düýbünden ýokdur.

Mundan başga-da, dünýäde parlamentleriň başlyklarynyň arasynda zenanlaryň paýy geçen ýyldaky 23,7 göterimden 19,9 göterime çenli aşaklady. Bilermenleriň bellemegine görä, kwotalaryň barlygy zenanlaryň wekilçiligini artdyrmakda iň netijeli gural bolup galýar; kwotaly parlamentlerde zenanlaryň paýy ortaça 30,9 göterime, kwotasyz ýerlerde bolsa 23,3 göterime barabar boldy. Ýatlap geçsek, 1889-njy ýylda döredilen Parlamentara bileleşik bu günki gün 183 sany milli parlamenti we 15 sany sebitara guramany birleşdirip, bütin dünýäde demokratiýanyň ösmegine we parlamentarileriň hukuklarynyň goralmagyna ýardam edýär.

# Çölleşmäge garşy göreş strategiýasy

Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew çölleşmäge garşy göreşmek, çöl ykdysadyýetini ösdürmek we «ýaşyl» şäher ýörelgelerini ornaşdyrmak maksady bilen, 2026-2030-njy ýyllar üçin niýetlenen toplumlaýyn strategiýany tassyklady. Döwlet Baştutanynyň metbugat gullugynyň habaryna görä, täze maksatnama çäkleriniň, takmynan, 80 göterimini çöl we ýarym çöl zolaklary eýeleýän sebitde howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerini azaltmaga gönükdirilendir.

Resmi maglumatlara görä, ýurtda oturdylýan agaçlaryň derejesi eýýäm 2020-nji ýyldaky 8 göterimden 2025-nji ýylda 14,3 göterime çenli ýokarlandy. Munuň özi, ilkinji nobatda, Aral deňziniň guran ýerlerindäki 2 million gektardan gowrak meýdanda tokaý zolaklarynyň döredilmegi arkaly amala aşyryldy. Tassyklanan täze meýilnama bolsa 1,27 million gektar meýdanda tokaýlary dikeltmegi hem-de guraklyga çydamly ösümlikleriň nahalhanalaryny döretmegi, galofitleri ösdürip ýetişdirmegi we öri meýdan maldarçylygyny ösdürmek arkaly girdejiniň täze çeşmelerini kemala getirmegi göz öňünde tutýan «Çöl ykdysadyýeti» konsepsiýasyny durmuşa geçirmegi göz öňünde tutýar.

Şol bir wagtda resminama sebit derejesinde, ýagny, Merkezi Aziýada ekologiýa ulgamyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegi maksat edinýär. Şunuň bilen baglylykda, ugurdaş sebit ylmy-barlag merkeziniň işini giňeltmek, «Ýaşyl galkan» maksatnamasynyň çäklerinde bilelikdäki taslamalaryň sanyny artdyrmak we 2040-njy ýyla çenli döwri öz içine alýan uzak möhletleýin sebit strategiýasyny taýýarlamak meýilleşdirilýär.



Şäher gurluşygy ulgamynda bolsa «Green Samarkand» atly synag taslamasy tassyklanyp, oňa laýyklykda 2030-njy ýyla çenli Samarkand şäherinde howanyň hapalanmak derejesini iki esse azaltmak, jemgyýetçilik ulaglaryny elektrik toguna geçirmek, şäheriň daşyndan uzynlygy 102,7 kilometre barabar bolan gorag «ýaşyl guşagyny» döretmek, şeýle hem ekologiýa taýdan ýokary howply diýlip ykrar edilen 8 sany iri senagat kärhanasyny şäheriň çäginden daşary çykarmak göz öňünde tutulýar.



# ÝUNESKO-nyň sanawyna girizildi

**Koreýa Respublikasynyň Pusan şäherinde 48-nji mejlisini geçiren ÝUNESKO-nyň Bütindünýä miras komiteti Gresiýanyň meşhur Olimp dagyny tebigy we medeni obýekt hökmünde Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizdi. Şeýle hem bu abraýly sanawa Gazagystanyň Mangistau sebitindäki gaýa metjitleri (Beket ata, Şopan ata, Garaman ata, Şakpak ata we Sultan Upi), Normandiýadaky plýažlar, Italiýanyň Marke sebitiniň taryhy teatrlary, Fransiýanyň Langedok patyşalyk galalary, Finlýandiýadaky Alwar Aalto tarapyndan taslanan 13 binagärlik obýekti, Berlindäki Selendorf tokaý ýaşaýyş toplumy, Eýrandaky Alamut galasy, San-Tome we Prinsipidäki «roças» taryhy ekin meýdanlary hem-de Daşkent şäheriniň häzirki zaman binagärlik toplumy goşuldy. Mundan başga-da, Ýaponiýanyň gadymy paýtagtlary Asuka we Fudziwara, şeýle hem Günorta Sudandaky haýwanlaryň iň iri köpçülikleýin göçüşligi bolup geçýän Boma-Bandingilo sebiti hem ÝUNESKO-nyň halkara goragyna alyndy.**

**Gresiýanyň Hökümetiniň wekilleri Olimp dagynyň bu sanawa girizilmegine ýurduň tebigy we medeni gymmatlyklaryny halkara derejesinde goramakda taryhy üstünlik hökmünde baha berdiler. Deňiz derejesinden 2918 metr beýiklikde ýerleşýän Olimp dagy özüniň baý biodürlüligi, seýrek duş gelýän ösümlik we haýwanat dünýäsi, şeýle-de gadymy taryhy-medeni ýadygärlikleri bilen dünýä siwilizasiýasy üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Normandiýa kenarlary bolsa, taryhy wakalaryň aýdyň şaýatlary hökmünde ÝUNESKO-nyň halkara sanawyna girizildi.**

# Howa menzilleri döwrebaplaşdyrylar

Gruziýanyň Hökümeti ýurda gelýän syýahatçylaryň sanynyň yzygiderli artmagy bilen baglylykda, hereket edýän üç sany Halkara howa menziliniň mümkinçiliklerini giňeltmegi we Wazianide täze, iri awiatoplumy gurmagy meýilleşdirýär. Bu barada ýurduň Premýer-ministri Irakli Kobahidze «Imedi» teleýaýlymynda göni ýaýlymda çykyş edip, täze Halkara howa menziliniň gurluşygyna 2027-nji ýylyň ahyryna çenli badalga beriljekdigini we onuň ýylda 20 million ýolagça hyzmat etmäge niýetlenendigini mälim etdi.



Hökümet Başlygynyň sözlerine görä, häzirki wagtda Tbilisi, Kutaisi we Batumi halkara howa menzilleriniň geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Şunda Kutaisi howa meýdançasynyň ýyllyk ýolagçy akymy 5 million adama ýetiriler, Batumi boýunça bolsa gepleşikler dowam etdirilýär. Şeýle-de 13-nji iýulda Şota Rustaweli adyndaky Tbilisi Halkara howa menzilini ösdürmegiň we giňeltmegiň iri taslamasyna badalga berildi. Maýadarlar tarapyndan 150 million dollardan gowrak serişde goýberilmegi göz öňünde tutulýan bu taslama 2026-2028-nji ýyllar aralygynda durmuşa geçiriler. Häzirki zaman tehnologik we operasion ulgamlaryny ornaşdyrmagy, terminal hem-de aerodrom düzümlerini döwrebaplaşdyrmagy göz öňünde tutýan taslama doly tamamlanandan soň, paýtagtyň howa derwezesiniň ýyllyk geçirijilik ukyby 10 million ýolagça çenli artar.

# Ekipaž Ýere gaýdyp geldi

26-njy iýulda NASA-nyň astronawty Kris Wilýams hem-de «Roskosmosyň» kosmonawtlary Sergeý Kud-Swerçkow we Sergeý Mikaýewden ybarat bolan bilelikdäki amerikaly-russiýaly ekipaž Halkara kosmos bekedindäki (HKB) sekiz aýlyk ylmy missiýasyny tamamlap, «Soýuz MS-28» kosmos gämisinde Ýere sag-aman gaýdyp geldi. Kosmos gämisi Gazagystanyň Žezkazgan şäheriniň günorta-gündogarynda gonduryldy. Kosmos bekedinde geçen 241 günüň dowamynda ekipaž Ýeriň daşyndan 3 müň 856 gezek aýlanyp, 102 million milden gowrak aralygy geçdi we Ýerdäki durmuşy gowulandyrmaga hem-de Aýa we Marsa meýilleşdirilýän geljekki uçuşlara taýýarlyk görmäge gönükdirilen giň gerimli ylmy-barlag işlerini geçirdi.



Gondurylandan soň ekipažyň agzalary degişli lukmançylyk barlaglaryndan geçip, gözleg-halas ediş toparlary bilen duşuşdylar we Karaganda şäherine ugradyldy. Şondan soň K.Wilýams NASA-nyň uçarynda Hýustondaky Jonson adyndaky kosmos merkezine, S.Kud-Swerçkow bilen S.Mikaýew bolsa Moskwanyň golaýyndaky «Ýyldyzly şäherçede» ýerleşýän Kosmonawtlary taýýarlaýyş merkezine ugradyldy.

Häzirki wagtda HKB-de täze ekipaž – NASA-nyň astronawty Anil Menon hem-de «Roskosmosyň» kosmonawtlary Pýotr Dubrow we Anna Kikina «Soýuz MS-29» gämisinde öz gulluk borçlaryna girişdiler. Olar beketdäki beýleki kärdeşleri bilen bilelikde 2027-nji ýylyň baharyna çenli dowam etjek 75-nji ekspedisiýanyň çäklerinde kosmosda önümçilik tehnologiýalaryny, emeli aň we goşmaça hakykat usullaryny hem-de adam dokumalarynyň bioprosesini öwrenmek boýunça ylmy-barlag işlerini geçirerler.



# Ýel bekediniň gurluşygyna başlandy

Gazagystanyň Žambyl oblastynda gymmaty 1,2 milliard ýewro bolan «Žambyl» ýel elektrik parkynyň gurluşygy alnyp barylýar. Kuwwaty 1 gigawat boljak bu iri taslama Abu-Dabiniň «Masdar» kompaniýasy tarapyndan BAE bilen bilelikde amala aşyrylýar. Desganyň düzüminde 600 megawat/sagat sygymly energiýa saklaýjy batareýa ulgamy hem bolar.

Täze beket doly işläp başlanda, günorta sebitlerdäki 300 müňe golaý hojalygy elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün eder. Şeýle hem ol kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny ýylda 2 million tonna golaý azaldar. Elektrik energiýasyny geçirmek üçin 400 kilometrden gowrak täze liniýa çekilip, köne elektrik torlaryna düşýän agram ýeňilleşdiriler.

Azyndan 30 ýyl işlediljek bu taslama COP28 we COP29 halkara maslahatlarynda gazanylan ylalaşyklar esasynda durmuşa geçirilýär. Onuň gurluşygyna «W Solar», «Qazaq Green Power» we KIDF ýaly kompaniýalar gatnaşýar. Beket üçin zerur enjamlaryň bir bölegi Gazagystanyň özünde öndüriler. Häzirki wagtda ýurtda jemi 6 gigawat kuwwaty bolan «ýaşyl» energiýa taslamalary tapgyrlaýyn amala aşyrylýar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1498-nji ýylyň 31-nji iýulynda ispan deňiz syýahatçysy Hristofor Kolumb üçünji ekspedisiýasynyň dowamynda Trinidat adasyny açdy. Bu möhüm waka Kolumba taryhda ilkinji gezek Günorta Amerikanyň kontinental kenarlaryna ýetmäge we täze topraklara ýol açmaga mümkinçilik berdi. Ekspedisiýanyň netijesinde Ispaniýa täze çäkleri açyp, geografik gözlegleriniň gerimini barha giňeltdi.**



# ÖÝ TOWUGYNYŇ TÄSIN GÖRNÜŞLERI

**Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) bellemegine görä, dünýäde towugyň 1 müň 600-den gowrak görnüşi bar. Towugyň köp görnüşi eldekileşdirilen bolup, Aziýada ýaşaýan gyzyl jeňňel towugy öý towugynyň ýeke-täk ýabany görnüşidir. Gazetimiziň şu sanynda «Ýedi hazynanyň biri» hasaplanýan öý towugynyň täsin görnüşleri baradaky maglumatlary size ýetirýäris.**

**Serama (girdenek towuk).** Malaýziýada bezeg üçin saklanýan serama kiçijik göwresi we owadan reňki bilen görenleri haýran galdyrýar. Döşüni arkan gaýşardyp duran girdenek towugyň agramy 250-500 grama, boýy 15-25 santimetre çenli ýetýär. Ýylyň dowamynda 80-160 ýumurtga berýän kiçijik towuk çygly howa şertine çydamsyzdyr. Dünýäde iň kiçi towuk tohumy hasaplanýan serama Malaýziýanyň milli guşy hasaplanýar.



Doly ady «Aýam Serama» (kiçi towuk) bolan girdenek towuk soňky 50 ýylyň dowamynda seçgiçilik netijesinde emele gelipdir. Maglumatlara görä, Malaýziýanyň Kelantan ştaty serama towugynyň dörän ýeri hasaplanýar. Irki ýyllarda patyşalara sowgat berlen kiçijik towuklar 1990-njy ýyllarda köpçülige mälim edilýär. Horazlaryň uzak gygyrmak ýaryşlarynda we gözellik bäsleşiklerinde öňdäki orny eýeleýän serama 2000-nji ýyldan soň Amerika we Ýewropa ýurtlaryna ýaýraýar. Kiçidigine garamazdan, serama uly towuklardaky ähli häsiýeti özünde jemleýär. Iň ökde çöpleýjiler hasaplanýan seramalar ekerançylyk ýerlerindäki haşal otlaryň köküni, gurçukdyr mör-möjekleri azaltmaga ýakyndan ýardam edýär. 7-10 ýyla çenli ýaşaýan girdenek towuklar 15-18 hepdede ýetişýär.

**Onagadori (uzyn guýrukly towuk).** Dünýäde towugyň seýrek duş gelýän görnüşleriniň biri bolan onagadori uzyn seçekli guýrugy bilen tapawutlanýar. Bezeg hökmünde idedilýän towugyň bu görnüşi ýapon dilinde «hormat guşy» diýen manyny aňladýar. Onagadoriniň horazynyň guýrugy 16-18 ýelekden ybarat bolup, uzynlygy 1,5-12 metre çenli ýetýär. XVII asyrda Ýaponiýanyň günortasyndaky daglyk sebit bolan Şikoku adasyndaky Koti şäherinde towugyň uzyn guýrukly görnüşi



seçilip alynýar. 1900-nji ýyllarda resmi taýdan ykrar edilen onagadori towugy 1952-nji ýylda «tebigy hazyna» diýlip atlandyrylýar. Ýurtda onagadoriniň ýumurtgasyny köpçülige ýaýratmak gadagan edilýär. Dünýädäki umumy sanynyň müň töweregidigi çaklanylýan ýapon towugynyň agramy 1-1,5 kilograma ýetýär. Adama çalt öwrenişýän towugyň bu tohumy ýylda 50-100 ýumurtga berýär. Onagadoriniň döşi gara gyzyl reňkli, gara döşli kümüşsöw reňkli, açyk gara döşli altynsow reňkli we ap-ak reňkli esasy 4 görnüşi duş gelýär. Towugyň bu görnüşi 10-15 ýyl ýaşaýar.

**Soltan towugy (ak telpekli towuk).** Adamyň idegine mätäç, owadan we ekzotik guşlaryň biri hem soltan towugydyr. XIV asyrda Osman imperiýasy döwründe seçilip alnan soltan towugy diňe şa maşgalasy tarapyndan saklanypdyr. Towugyň bu tohumy kellesindäki telpege meňzeş tüý örtügi we aýagyndaky seçegi bilen tapawutlanýar. Owadanlyk üçin saklanylýan soltan towugy sowuk we yssy howa çydamsyz bolup, tropik sebite çalt uýgunlaşýar. Ýerli



halkyň arasynda «Saraý towugy», «Köşk towugy» diýlip atlandyrylýan soltan towugynyň ählisi ak reňkde bolýar. 1850-nji ýyllardan soň Angliýa we Amerika getirilen ak towuklar ýylda 50 ýumurtga berýär. 5 ýyla çenli ýaşaýan soltan towugynyň agramy 1,5-2,7 kilograma, boýy 45 santimetre ýetýär.

**Dong-tao towugy (aždarha aýakly towuk).** Seýrek duş gelýän wýetnam towugy tagamly eti bilen tapawutlanýar. Paşşyk aýakly towugyň bu görnüşi Hanoýdan 30 kilometr uzaklykdaky Dong-tao etrabynda ösdürilip ýetişdirilýär. Aýagy örän tagamly iýmit hasaplanýan dong-tao towugynyň agramy 6 kilograma çenli ýetýär. Uzakdan göreniňde äpet dabanly kiçijik dinozawra meňzeýän towuklaryň aýagy adamyň bilegi ýaly galyňlykda bolýar. Az ýumurtga berýän paşşyk aýakly towuklar, esasan, et önümçiligi üçin ösdürilip ýetişdirilýär. Häzirki wagtda Hoan Long etrabynda 2 müňden gowrak hojalyk dong-tao towugyny ýetişdirmek bilen meşgullanýar. Wýetnamyň milli guşy hasaplanýan çişik aýakly towuga başgaça «aždarha towuk» hem diýilýär. Daşky görnüşi özbekleriň urşujy horazyna meňzeýän bu towuk 10 ýyla çenli ýaşaýar.



**Aýam semani (gara towuk).** Gap-gara göwresi bilen tapawutlanýan aýam semani Aziýada duş gelýän iň haýran galdyryjy guş tohumy hasaplanýar. Indoneziýada ösdürilip ýetişdirilýän towugyň bu tohumynyň diňe daş görnüşi däl, eýsem, eti, süňki, hatda ýumurtgasynyň gabygy hem gara reňkde bolýar. Fibromelanistik geniň üýtgemegi netijesinde şar gara ekzotik towuk emele gelipdir. Beýleki towuk görnüşlerinde hem bu gen saklanýar. Indoneziýanyň Sumatra adasynda seçilip alnan gara towuk 1990-njy ýyllarda Ýewropa äkidilýär. Yssy we sowuk howa çydamly, idegi az talap edýän bu towuk edil guş ýaly uçup bilýär. Agramy 2,5-3 kilogram aralygynda bolýan aýam semani ýylda 60-100 töweregi gara ýumurtga berýär. 2014-2015-nji ýyllarda bütin dünýä ýaýran gara towugyň horazy owadan ses bilen gygyrýar.





# Deňiz suwunyň saglyga peýdasy

**Bilermenler deňiz kenarlarynda dynç almagyň adamy rahatlandyrmak bilen bir hatarda, saglyk üçin peýdasynyň kändigini belleýärler. Deňziň göm-gök suwuna çümmek, howasyndan dem almak, tolkunlaryň sesini diňlemek elýetmez bejergi hasaplanýar.**

- Deňiz suwunyň deri üçin peýdalydygyny bilmeýän adam ýok bolsa gerek. Şol sebäpli deňiz suwy kosmetika we derman senagatynda giňden ulanylýar. Deňiz suwunyň düzümindäki magniý deriniň ýaş we çeýe görünmegi üçin möhüm mineral hasaplanýar.
- Ýüzdäki we bedendäki düwürtikleri guratmakda deňiz suwuna ýuwunmak peýdaly usullaryň biridir. Mundan başga-da, deridäki tegmilleri aýyrmakda hem deňiz suwunyň peýdasy uludyr.
- Deňiz suwundaky magniý, brom we litiý maddalary alada etmek we gaharlanmak ýaly nerw bozulmalaryny bejermekde ähmiýetlidir. Bu maddalar beýnidäki melatoniniň we serotoniniň derejesini deňleşdirip, adamyň özüni rahat duýmagyna kömek edýär.
- Deňziň duzly suwy saçyň goňaklamasynyň öňüni alýar. Deňiz suwy goňagy aýyrmakda peýdaly bolup, saçyň ýalpyldap durmagyny üpjün edýär.
- Deňiz suwundaky ýod immuniteti güýçlendirse, düzümindäki mikroelementlerdir minerallar allergik keselleri bejermekde, ýokançlyklara garşy göreşmekde, bedendäki kömelekleri we bakteriýalary ýok etmekde peýdalydyr.
- Deňziň kenarynda dem almak arkaly demgysma we üsgülewük ýaly dem alyş ýollary bilen bagly nähoşluklary ýeňilleşdirip bolýar. Şeýle hem deňziň kenarynda maşk etmek ýa-da ylgamak dem alyş ýollaryndaky fiziki bejergileriň biridir.




# NAMIBIÝANYŇ TEBIGY GORAGHANASY

Dedwleý tebigy goraghanasy Namibiýanyň owadan ýerleriniň biri hasaplanýar. Ýurduň günbatar bölegindäki Namib-Naukluft milli seýilgähiniň çäginde ýerleşýän ak toýun düzlügi Sossusfleý çölüniň gyzgylt depeleriniň arasynda täsin gözelligi emele getirýär. Iňlis dilindäki «dead» we afrikan dilindäki «vlei» sözlerinden gelip çykan Dedwleý «öli jülge» diýmegi aňladýar.



Ak düzlügiň esasy aýratynlygy gurap galan agaç tokaýlygydyr. Dedwleý tebigy goraghanasyndaky agaçlar, takmynan, 600-900 ýyl mundan ozal gurapdyr. Bu ýerde güýçli ýagyşdan soň, Tsoşab derýasynyň joşmagy netijesinde ýalpak köl emele gelipdir. Wagtyň geçmegi bilen kölüň içinde düýe akasiýasy (Wachellia erioloba) gögerip, janly-jandarlar üçin ekoulgam döreýär. Gurakçylyk sebäpli emele gelen Dedwleý tebigy goraghanasy Namibiýanyň iň köp surata düşülýän ýerleriniň biridir. Dedwleý tebigy goraghanasyna gezelenje barýan syýahatçylar ýany bilen içimlik suwuny almaly bolýarlar. Sebäbi Sossusfleý çölünde süýji suw çeşmesi ýok.



Stol tennisi «ping-pong» ady bilen ilkibaşda Hytaýda ýüze çykýar.

# ÇAGALAR DÜNÝÄSI

# Ýaşlaryň ýörgünli sport oýny

Soňky ýyllarda ýaşlaryň arasynda stol tennisi ýörgünli sport oýunlarynyň birine öwrüldi. Orta mekdeplerde, dil merkezlerinde we sport zallarynda stol tennisi bilen meşgullanmak üçin ýörite meýdançalar bar. Gyzykly hem-de çekeleşikli geçýän stol tennisini oýnamak üçin merkezinden tor çekilen stol, kiçijik topjagaz we raketka gerek. Oýnuň düzgünine görä, haýsy tarap topy ýere gaçyrsa ýa-da topy tordan geçirip bilmese, şol hem ýeňilýär. Stol tennisi ikileýin (her tarapda bir oýunçy), jübütleýin we garyşyk toparlaryň arasynda geçirilýär. Köp ýurtda «ping-pong» ady bilen tanalýan stol tennisi Olimpiýa sportunyň bir görnüşidir.



Stol tennisi ýapyk ýerde oýnalýan sport görnüşi bolup, ilkibaşda Angliýada ýüze çykýar. Häzirki wagtda Hytaýyň milli sport görnüşi hasaplanýan stol tennisi bilen meşgullanýanlar sanardan köp. 1901-nji ýylda «ping-pong» ady bilen stol tennisiniň enjamlary satylyp başlanýar. Şol döwürler golf topy stoluň üstünde kitap ýa-da gaty kagyzlar bilen urlup oýnalypdyr. Soňlugy bilen stoluň üstünden tor çekilip, ýörite topjagaz we raketka oýlanyp tapylýar. 1902-nji ýylda Angliýanyň milli çempionaty geçirilmezden ozal, köp sanly stol tennisi ýaryşlary guralýar. 1926-njy ýylda stol tennisi boýunça ilkinji Dünýä çempionaty geçirilýär we şol ýyl Halkara stol tennisi federasiýasy (ITTF) döredilýär. 1996-njy ýylda zenanlaryň arasynda ilkinji gezek stol tennisi boýunça Dünýä çempionaty geçirilýär. Oýny köpçülige tanyşdyrmak hem-de meşhurlygyny artdyrmak maksady bilen, 2015-nji ýylda Bütindünýä stol tennisi güni yglan edilýär. Ýörite stoluň üstünde oýnalýan raketka oýny ünsüňi bir ýere jemlemäge, şähdiňi açmaga, ýadawlygy aýyrmaga we işjeň ýagdaýda bolmaga ýardam edýär. Hünärmenler stol tennisi bilen meşgullanýan çagalaryň beden gurluşynyň sagdyn ösýändigini, çalt pikirlenip, netije çykarýandygyny we sapaklary netijeli özleşdirýändigini belleýärler.

# Ýapraga meňzeş tikenli möjejik

**Tebigatda islendik jandaryň ýa-da mör-möjegiň özüne mahsus goranyş ukyby we täsin daşky görnüşi bolýar. Ortaýer deňziniň kenarynda, Ýewropanyň günortasynda, Demirgazyk Afrikada we Aziýanyň gurak ýerlerinde duş gelýän altyn ýumurtgaly möjejik (Phyllomorpha laciniata) hem şolaryň biridir. Altyn ýumurtgaly möjejik özüniň üýtgeşik daşky görnüşi bilen tapawutlanýar. Çölde bitýän gyrymsy agajyň ýapragyna meňzeş bu möjejigiň endam-jany owunjak tikenler bilen örtülipdir. Bu bolsa möjejigiň guran ýapraklaryň arasynda gizlenmegine mümkinçilik berýär. Goňrumtyl reňkli möjejijiň iň esasy aýratynlygy ýumurtgasyny göwresiniň üstünde saklamagydyr. Adatça, beýleki mör-möjekler hin ýa-da çukurjyk gazyp, ýumurtga taşlaýan bolsa, ýapraga meňzeş möjejikler neslini goramak we dowam etdirmek üçin ýumurtgasyny tikenleriniň arasyna goýup, göterip gezýärler. Şeýlelikde, garynja we owunuk süýrenijilerden goranýarlar. Mör-möjegiň bu görnüşi 1789-njy ýylda resmi taýdan köpçülige yglan edilýär.**





**Tebigatyň haýran galdyryjy bu jandary ýarymganatlylar (Hemiptera) otrýadyna degişlidir. Tikenli gyrymsy agaçlaryň we gülleriň arasynda ýaşaýan ýapraga meňzeş möjejikler ösümlikleriň şiresi bilen iýmitlenýärler. Tebigy iýmit zynjyrynyň bir bölegi bolup durýan altyn ýumurtgaly möjejikler çöl ekoulgamy üçin uly ähmiýete eýedir.**

# Akebi – ýapon miwesi



Ýaponiýada ýabany ösýän akebi Gündogar Aziýanyň iň täsin miweleriniň biridir. Iýilýän bölegi želatin ýaly süýji hem-de şireli bolan bu miwäniň gabygy gögümtil-gülgün reňklidir. Ylmy ady «Akebia quinata» bolan ýumşak miwe dag eteklerinde we tokaýlarda ösýär. Miwäniň ortaça uzynlygy 10-13 santimetr bolup, şahalardan asylgy durýar. Akebiniň bitýän ýerine baglylykda, gabygy açyk gülgün ýa-da doýgun gyzgylt reňkde bolup bilýär.

Akebi ýapon dilinde «açylýan miwe» diýmegi aňladýar. Kapsula meňzeş gülgün miweler çyrmaşyp ösýän gyrymsy agaçda bitýärler. Üzüme meňzeş bu agaç şokoladyň we waniliň ysyny berýän garamtyl-gyrmyzy gül açýar. Agajyň gülleri atyr önümçiliginde peýdalanylýar. Çeýe we uzyn şahalary bolsa, sebet örmek üçin ulanylýar. Maý-iýun aýlarynda hoşboý ysly gülleriň ornunda kiçijik miweler peýda bolup başlaýar. Ýarym Aýa meňzeş süýnmek miwe sentýabr-oktýabr aýlarynda ýetişýär. Uzak wagtlap saklap bolmaýandygy sebäpli, bu miwe bary-ýogy iki hepde elýeterli bolýar. Içinde bir topbak çigidi bolan akebini kesmek zerurlygy ýok. Sebäbi miwe doly ýetişende edil pyçak bilen kesilen ýaly bolup, öz-özünden açylýar.



Liçä we banana meňzeş tagamy bolan akebiniň ýukajyk etli bölegi iýilýär. Miwäniň ajymtyk gabygyndan ýapon aşhanasynda gök önümler bilen bilelikde dürli tagamlar taýýarlanylýar. Akebi gowrulyp, oda daglanyp we duzlanyp hem iýilýär. Mundan başga-da, mürepbe, şerbet, miwe suwlary taýýarlanylýar. Gögümtil-gülgün miwe Ýaponiýanyň Tohoku sebitinde «Dagyň şazadasy» diýlip atlandyrylýar. Akebiniň iň esasy ösýän sebiti bolan Tohokuda dermanlyk häsiýetli bu miwä bagyşlanyp oba hojalyk festiwallary we sergiler geçirilýär. Akebi miwesini Ýaponiýanyň, Hytaýyň we Koreýa Respublikasynyň bazarlaryndan tapyp bolýar. Gülgün miweler seýrek ýagdaýda Ýewropada, Täze Zelandiýada we ABŞ-da ösdürilip ýetişdirilýär.

## SANLARY BIRLEŞDIRIP, ŞEKILI REŇKLÄŇ!



## 10 tapawudy tapyň!





## Labirint



## Gyzykly pursat





Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




## 36-njy KROSSWORD

**KESELIGINE:** **1.** Dabanyň yz tarapy. **6.** Jemgyýetde belli bir orny eýeleýän adam. **9.** Toý bolup duran öý, toý geçirilýän ýer. **13.** Gymmatbaha gök ýa-da ýaşyl daş. **15.** Görkezme çalyşmasy. **16.** Nota. **17.** Bulaşyk, bulutly howa. **19.** Towlamak netijesinde salynýan burgy. **21.** Döwlet nyşany. **22.** Tokmajyklar arkaly kakylyp çalynýan saz guraly. **24.** Skandinaw ýurdy. **26.** Radio tolkunlaryny kabul edýän we tutýan enjam. **28.** Beden, syna. **29.** «Hatarda ... bolsa, ýük ýerde galmaz» (nakyl). **31.** Anha, hanha. **32.** Ýabany jandarlary tutmak bilen bagly pişe. **34.** Dürli işleri ýerine ýetirmäge ukyply mehanizm. **35.** Deň iki kesilen garpyzyň bir bölegi. **36.** Haýran galmagy aňladýan ümlük. **37.** Dileg edilende ulanylýan ümlük. **39.** Aýak üstünde, ör boýuna. **41.** Basymy özüne geçirmeýän ownuk bölek. **42.** Alyp satýan söwdagär. **45.** «Liwerpulyň» braziliýaly derwezeçisi. **47.** Buzluk döwründe ýaşan, ösgün ýüňli, ullakan egri gyýakly haýwan. **49.** Agyr zähmet, kynçylyk. **50.** «... mälär ýyl geçer, oglan aglar – gün» (atalar sözi). **51.** Haly telkermez ýaly gyrasyna sanjylyp çekdirilýän enjam. **53.** Ir-iýmiş şiresine süýt, krahmal goşulyp taýýarlanylýan goýaltma. **55.** Aňrybaş derejeli amerikan awtoulagy. **57.** Ýylyň on ikiden bir bölegi. **59.** Yzyny üzmän, gaýta-gaýta. **61.** Dertli adama edilýän bejergi. **62.** Yşaratly ýüz, göz hereketleri. **63.** Genri Forduň oglunyň ady dakylan awtoulag. **65.** Zehinliligiň, döredijilik ukybynyň iň ýokary derejesi. **68.** Suwulgana meňzeş kiçijik ala süýreniji. **70.** Gelin-gyzlaryň öz aralarynda biri-birine ýüzlenende ulanýan sözi. **71.** Dürli agaçlar ekilen ýer. **73.** Ters, jet. **75.** Arzan, gymmat däl. **77.** Görübilmezçilik edýän, bahyl. **79.** Deňizdäki, ummandaky ýaşaýyş zolakly ýer. **80.** Gerden, egin. **81.** Ýanan odunyň galyndysy. **82.** Çekinjeň, uýaljaň. **83.** Işlik ýasaýjy goşulma. **84.** Grek elipbiýiniň 16-njy harpy. **86.** Ýerden gelýän girdeji. **87.** Jalbar tikilýän ýokary hilli galyň ýüň mata. **89.** Özbegistanyň gadymy şäherleriniň biri. **90.** Uly däl, göwrüm taýdan çaklaň.

**DIKLIGINE:** **2.** Braziliýaly meşhur futbolçy. **3.** Iýilýän esasy iýmit. **4.** Güýjüň, agramyň ölçeg birligi. **5.** Ýylan tutýan adam. **6.** Küşdüň esasy çöpi. **7.** Ýokary hilli ýalpyldawuk çüýşe, şol çüýşeden ýasalan gap. **8.** Tans we üm hereketleri bilen ýerine ýetirilýän teatr oýny. **10.** «Alaý» futbol toparyna wekilçilik edýän şäher. **11.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. **12.** Çekijiň, paltanyň sapy gymyldamaz ýaly kakylýan ýasyja agaç bölegi. **14.** Dabaraly geçirilýän üýşmeleň, meýlis. **17.** Aýakgap tikmek üçin işlenen deri. **18.** Dost-ýar, tanyş. **20.** Relsiň üstünde ýöreýän ulag serişdesi. **22.** Ýüzi syrçaly, gurluşykda ulanylýan bezeg daşy. **23.** Senegally meşhur futbolçy. **25.** Iňlis dilli ýurtlarda erkeklere ýüzlenilende aýdylýan söz. **27.** «Perzende ata gorgan, ... – gurban» (nakyl). **30.** Owadan gülli, süýji miweli agaç. **33.** Tailandyň goňşy döwleti. **36.** «Al-Hilalyň» fransiýaly ezber futbolçysy. **38.** Hile, tor gurmak. **39.** Gum içindäki tümmek-tümmek şor ýer. **40.** Bowlingde şar bilen urlup ýykylýan nyşana. **41.** Nota. **43.** Müçe hasabynyň 5-nji ýyly. **44.** Üstaşyr harytlardan alynýan gümrük haky. **45.** «Suratyna bakma – syratyna ...» (nakyl). **46.** Awtoulagyň ugruny kesgitleýän, dolandyrýan bölegi. **47.** Ata nal kakylanda ulanylýan çüý. **48.** Goýun ýüňi ýuwlanda bölünip çykýan madda. **52.** Gowy, eziz. **54.** Kösükliler maşgalasyna degişli ösümlik. **56.** «Al» diýen manyda ulanylýan ümlük. **58.** Ugurdaş ýolagçy, gürrüňdeş adam. **60.** Bellik üçin jüýjeleriň aýagyna daňylýan ýüpjagaz. **62.** Üç sanysy sülüp oýnalýan aşyk oýny. **63.** Sözlem agzasy. **64.** Dutar çalýan adam. **66.** Gaýtadan, ýaňadan. **67.** Käbir ösümligiň çigidinden alynýan önüm. **69.** Ispaniýanyň awtoulag kompaniýasy. **70.** Köçäniň bölünýän, biri-birinden aýrylýan ýeri. **71.** Ýumurtgasynyň daşy menekli tokaý guşy. **72.** Çaganyň päki degmedik ilkinji saçy. **74.** Ýerasty baýlyk, magdan gazylyp alynýan ýer. **76.** Edeplilik, sypaýylyk. **78.** Bir zadyň iň ýokarsy, beýik ýeri. **83.** Işlik ýasaýjy goşulma. **85.** «Dil bolmasa, ... bolmaz» (nakyl). **87.** Işligiň ýokluk galyby. **88.** Iň gowy reňk.






## 37-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Ekranda görkezilýän sungat görnüşi. **2.** Uçarmanlaryň birleşigi. **3.** Ses berişlik arkaly saýlap alma. **4.** Meňzeş temaly makalalar toplumy. **5.** «Görogly» şadessanyndaky bir ýurt. **6.** Nähoş, hassa. **7.** ABŞ-nyň Kaliforniýa we Newada ştatlarynyň serhedinde ýerleşýän uly we çuň dag köli. **14.** Uzaga, daşa. **16.** Dabaraly harby ýöriş. **18.** Asawajyň ýarym aýlaw, gaňtarylan uçlary. **20.** Planetamyzyň ýaşaýyş zolagy. **21.** Maýmynyň bir görnüşi. **23.** Ýer ýüzüniň gurluşy. **25.** Gaplaň, şir. **27.** Gözegçilik, garaşyk. **29.** Galyň bolmadyk.

**KESELIGINE:** **8.** Türk aşhanasynda üsti açyk somsa. **9.** Parahat, rahat. **10.** Gar, ýagyş görnüşinde ýere düşýän atmosfera çygy, nemi. **11.** Afinaly dramaturg. **12.** Gündelik metbugatyň, gazetiň, žurnalyň jogapkär ýolbaşçysy. **13.** Beýik ýerden bat bilen aşaklygyna gaýdýan suw akymy. **15.** Wepasyz, dönük. **17.** Gaty çanaklyk bilen örtülen, haýal hereket edýän jandar. **19.** Matematikanyň harply aňlatmalary we deňlemeleri öwredýän esasy bölümi. **22.** Dagynyk, pytraňňy. **24.** Dünýäde agramy boýunça iň uly we agyr ýylan. **26.** Suwuň düzümindäki esasy element. **28.** Bolgariýanyň paýtagty. **30.** Dagyň arasyndan uzap gidýän pes ýer. **31.** Gyz ady. **32.** Tansyň bir görnüşi.

### 26-njy skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | A | L | A | G | A | L | M | A | G | A | L |
| M | | | | | U | | A | | K | | D | |
| A | | | | | R | A | H | A | T | S | Y | Z |
| D | | | | | A | | A | | U | | B | |
| A | | | | | M | A | R | R | A | K | E | Ş |
| G | I | T | A | R | A | | | E | L | E | G | I |
| A | | A | | E | | Ç | | Z | | Ç | | R |
| S | E | M | I | Z | | O | | E | Ş | E | K | |
| K | | D | | I | M | P | O | R | T | | W | I |
| A | R | Y | | N | U | A | | W | A | T | A | N |
| R | | R | H | | S | N | O | U | B | O | R | D |
| | M | | L | U | A | T | | A | | | S | I |
| J | A | L | A | | | E | Ş | R | E | T | | K |
| | N | | M | A | R | L | | | Ş | A | M | A |
| Ý | E | D | I | T | O | P | | A | R | | E | T |
| | R | | D | O | D | E | | Ý | E | W | R | O |
| T | A | G | A | M | | K | E | N | T | A | W | R |

### 35-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| U | | | Ý | | Z | | L | | K | U | B | | S | |
| M | A | K | E | D | O | N | I | Ý | A | | A | D | E | L |
| Y | | | K | | W | | M | | T | | M | | R | |
| T | E | L | E | S | K | O | P | | O | Z | A | L | K | Y |
| | N | | B | | | | O | | D | | K | | E | |
| O | D | D | A | | G | I | P | S | | Ç | O | M | R | Y |
| | O | | R | | A | | O | | E | | | | D | |
| A | K | G | A | Ý | M | A | | G | L | I | S | S | E | R |
| | R | | | | A | | T | | E | | U | | B | |
| M | I | L | A | N | | O | R | A | K | | H | R | A | M |
| | N | | R | | E | | A | | | | A | | Ş | |
| B | O | S | S | A | N | | M | E | K | A | N | S | Y | Z |
| | L | | L | | D | | W | | R | | G | | | Y |
| R | O | M | A | | A | L | A | J | A | G | Ö | Z | E | N |
| | G | | N | E | M | | Ý | | N | | Ý | | | Ç |



Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# Pogaçara ýene taý tapylmady



Dünýäniň iň abraýly ýol welosiped ýaryşy «Tour de France» bäsleşigi tamamlandy. 113-nji gezek geçirilen ýaryşda ýene-de «UAE Team Emirates XRG» toparynyň sloweniýaly sürüjisi Tadeý Pogaçar ýeňiji boldy. Pogaçar 21 tapgyrdan ybarat 3 müň 245 kilometrlik ýaryşy 73 sagat 56 minut 26 sekuntda tamamlady. 6-njy tapgyrdan soň umumy sanawda öňe saýlanan Pogaçar ýaryş tamamlanýança ornuny saklamagy başardy. 3-6-10-14-19-njy tapgyrda pellehana hemmeden öň gelen 27 ýaşyndaky Pogaçar bassyr 3-nji gezek «Tour de France» ýaryşynyň ýeňijisi boldy. Bu onuň 5-nji çempionlygy bolup, mundan öň 2020-nji, 2021-nji, 2022-nji, 2024-nji, 2025-nji ýyllarda dünýäniň iň abraýly welosiped bäsleşiginde ýeňiş gazanypdy. Pogaçar «Tour de France» ýaryşynda 5 çempionlyk gazanan 4-nji türgen bolup, ondan öň Žak Anketil, Eddi Merks, Bernar Hino hem-de Migel Indurian şeýle başarnyk görkezipdi.

Şol bir wagtyň özünde bu Pogaçaryň uly ýaryşlardaky 6-njy çempionlygy bolup, ol 2024-nji ýylda «Giro d'Italia»-da münberiň iň ýokary basgançagyna çykypdy. Onuň häzirlikçe 3-nji uly ýaryş hasaplanýan «Vuelta a Espana»-da çempionlygy ýok.

113-nji «Tour de France» ýaryşynda Pogaçardan 6 minut 26 sekunt pes netije görkezen «Red Bull–Bora–Hansgrohe» toparynyň belgiýaly türgeni Remko Ewenepol 2-nji, 9 minut 42 sekunt yza galan meksikaly Aýzaak del Toro («UAE Team Emirates XRG») 3-nji orny eýeledi.

Utuk toplamak ýaryşynda «Lidl-Trek» toparynyň daniýaly türgeni Mads Pedersen ýeňiji bolup, ýaşyl köýnekçäniň eýesi boldy. Dag ýaryşy boýunça bolsa «EF Education–EasyPost» toparynyň ekwadorly sürüjisi Rikard Karapaz ýeňiş gazandy. Ýaşlaryň arasynda Pogaçaryň meksikaly topardaşy Aýzaak del Toro münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy.

Toparlaryň arasynda 224 sagat 57 minut 43 sekuntlyk görkeziji bilen «Lidl-Trek» 1-nji, ondan 36 minut 57 sekunt az netije görkezen «UAE Team Emirates XRG» 2-nji, şeýle-de «Red Bull–Bora–Hansgrohe» topary 3-nji orny eýeledi.



# Türkiýäniň ýygyndysynyň 2-nji çempionlygy

Woleýbol boýunça zenanlaryň arasyndaky Milletler Ligasynda Türkiýäniň ýygyndysy çempionlyk gazandy. Makaoda (Hytaý) geçirilen final tapgyrynda Türkiýäniň ýygyndysy çärýek finalda Kanadany 3:1, ýarym finalda-da Hytaýy 3:0 hasaplar bilen ýeňip, finalda Braziliýanyň garşydaşy boldy. Braziliýanyň ýygyndysy çärýek finalda Ýaponiýadan 3:1, ýarym finalda kynlyk bilen hem bolsa Italiýadan 3:2 hasabynda üstün çykdy.

Final duşuşygynda 1-nji setde braziller 25:23 hasabynda ýeňiş gazandy. 2-nji setde hem şol netije gaýtalanyp, bu gezek Türkiýäniň ýygyndysy üstün çykdy. Çekeleşikli geçen 3-nji setde Türkiýäniň ýygyndysy 26:24 hasabynda ýeňiş gazandy. 4-nji setde hem ýeňiş 25:21 hasap bilen üstün çykan türkleriň tarapynda boldy.

Şeýlelikde, 3:1 hasabynda üstün çykan Türkiýäniň ýygyndysy 8-nji gezek geçirilýän bu ýaryşda 2023-nji ýyldan soň, 2-nji çempionlygyny baýram etdi. Toparyň ýyldyz woleýbolçysy Melissa Wargas 2023-nji ýyldan soň, ýene-de ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy.

2018-nji ýylda geçirilip başlanan bu ýaryşda şu wagta çenli ABŞ-nyň ýygyndysy (2018, 2019, 2021) bilen Italiýanyň ýygyndysy (2022, 2024, 2025) 3, Türkiýäniň ýygyndysy-da (2023, 2026) 2 gezek çempion bolmagy başardy.

Bassyr 2-nji, umumylykda 5-nji gezek finalda utulan Braziliýanyň ýygyndysyna ýene-de çempionlyk gazanmak başartmady. Olar geçirilen 8 ýaryşyň 7-sinde ýarym finala çykyp, 5 gezek kümüş medaly eýeläp, 2 sapar hem 4-nji orna mynasyp boldy.

3-nji ýer ugrundaky duşuşykda Italiýanyň zenanlar ýygyndysy Hytaýyň milli toparyny 3:1 hasabynda ýeňip, ilkinji bürünç medalyny gazandy.



# Çempionyň möwsümdäki ilkinji ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 11-nji ýaryşy Wengriýada geçirildi. Ýurduň Mogýorod şäherçesindäki «Hungaroring» trassasynda geçirilen ýaryşda «McLaren» toparynyň britaniýaly sürüjisi, geçen möwsümiň çempiony Lando Norris ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan başlan ýaryşynda 70 aýlawy 1 sagat 39 minut 56,180 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki ilkinji, karýerasy boýunça-da 12-nji ýeňşi boldy.

Norrisden 15,080 sekunt yza galan «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen 2-nji orny eýeledi. «Mercedes» toparynyň italýan sürüjisi, sanawyň lideri Kimi Antonelli ýeňijiden 18,728 sekunt yza galyp, 3-nji orna mynasyp boldy.

Ýaryşda «Ferrari» toparynyň sürüjileri – Şarl Lekler bilen Lýuwis Hamilton 4–5-nji ýerleri eýelediler.

Şeýlelikde, geçirilen 11-nji ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda Kimi Antonelli 219 utuk bilen öňdäki ornuny saklap gelýär. Britan sürüjileri Lýuwis Hamilton 169, Jorj Rassell 160 utuk bilen 2-3-nji ýerleri eýeleýärler. 4-nji orundaky Şarl Lekleriň 138, şeýle-de Lando Norrisiň 128 utugy bar.

Möwsümiň 12-nji ýaryşy 1 aýa golaý arakesmeden soň, ýagny 23-nji awgustda Niderlandlaryň Zandwoort şäherinde geçiriler.

# Dünýä Kubogynyň iň owadan goly saýlandy

Tamamlananyna iki hepdä golaý wagt geçen 23-nji FIFA Dünýä Kubogynyň iň owadan goly saýlandy. FIFA-nyň resmi saýtynda geçirilen ses berlişikde Kabo Werdeniň



oýunçysy Sidni Kabralyň 1/16 finalda Argentinanyň derwezesinden geçiren goly çempionatyň iň owadan goly diýlip yglan edildi. Kabral hasaby deňlän goly 103-nji minutda geçiripdi we duşuşyk 3-2 hasabynda argentinleriň peýdasyna tamamlanypdy. 23 ýaşyndaky oýunçy bu barada şeýle belledi: «Oýundan soň iň gowy görýän, görelde alýan futbolçym, özüm ýaly çep gyrada oýnaýan braziliýaly Marselo meni gutlapdy. Ol çempionatyň iň owadan goluny geçirendigimi, toparymyzyň gowy oýnandygyny aýdypdy. Menem oňa köp sagbolsun aýdyp, oýnumyza tomaşa etmegiňiň meni begendirendigini belläpdim».

Çempionatyň iň owadan ikinji goly bolsa özbegistanly Eldor Şomurodowyň Kolumbiýanyň ýygyndysynyň derwezesinden geçiren goly boldy. Sanawda gaitili Wilson Izidoryň Marokkonyň ýygyndysynyň derwezesinden batly urgy bilen geçiren goly-da 3-nji orny eýeledi.

Saýlanan iň owadan gollaryň ilkinji 2-siniň debýutant toparlaryň oýunçylarynyň gollary bolmagy aýratyn bellärliklidir. Gaiti hem çempionata 52 ýyldan soň 2-nji gezek gatnaşypdy.

# Çempionatyň simwolik ýygyndysy

FIFA Ispaniýanyň çempionlygy bilen tamamlanan 23-nji Dünýä Kubogynyň simwolik ýygyndysyny mälim etdi. FIFA-nyň resmi internet saýty bolan fifa.com arkaly ses berlişigiň netijesinde saýlanan simwolik ýygynda çempion topardan 3, finalçy Argentinadan 2 oýunçy saýlandy.

Toparyň derwezeçisi hökmünde juda köp seýw bilen ýatda galan Kabo Werdeniň derwezeçisi Wozinýa iň köp ses alan derwezeçi boldy. Goragyň iki gyrasynda ispanlar – Kukurelýa bilen Porro bolup, merkezi goragda Lisandro Martines hem-de Upamekano bar. Meýdançanyň merkezine çempionatyň iň ökde oýunçysy saýlanan Rodri, 7 gol geçiren Bellingam bilen 7 asist eden Olise alyndy. Hüjümde Mbappe, Holann hem-de Messi bolup, olaryň üçüsiniň bilelikde geçiren gollarynyň sany 25-e deňdir.




**DERWEZEÇI:** Wozinýa (Kabo Werde)

**GORAGÇYLAR:** Mark Kukurelýa (Ispaniýa), Lisandro Martines (Argentina), Daýo Upamekano (Fransiýa), Pedro Porro (Ispaniýa)

**ÝARYMGORAGÇYLAR:** Jud Bellingam (Angliýa), Rodri (Ispaniýa), Maýkl Olise (Fransiýa)

**HÜJÜMÇILER:** Kilian Mbappe (Fransiýa), Erling Holann (Norwegiýa), Lionel Messi (Argentina)

# Jeýmsiň täze topary

**NBA-nyň iň meşhur ýyldyzy, dünýä belli basketbolçy LeBron Jeýmsiň täze topary belli boldy. Möwsümiň tamamlanmagy bilen «Los Anjeles Leýkersden» gaýdan 41 ýaşyndaky oýunçy «Filadelfiýa 76ers» toparynyň düzümine goşuldy. Ol täze topary bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol täze klubundan ýyllyk 4 million dollar möçberinde hak alar.**



**Bu onuň 4-nji kluby bolup, ol «Kliwelend Kawaliers» (2003-10, 2014-18), «Maýami Hit» (2010-14) hem-de «Los Anjeles Leýkers» (2018-26) toparlarynda oýnady. NBA-da ähli görkeziji boýunça diýen ýaly onlarça rekordyň eýesi bolan LeBron Jeýms mundan öňki çykyş eden klublarynyň hemmesinde-de çempionlyk gazandy (2012, 2013, 2016, 2020).**

# ÝEWROPANYŇ ÖŇDEBARYJY ÝYGYNDYLARYNYŇ TÄZE TÄLIMÇILERI

**FIFA Dünýä Kubogyny belli bir derejede şowsuz jemlän Ýewropanyň öňdebaryjy toparlary tälimçilerini çalyşdy. Fransiýanyň ýygyndysynda Didie Deşamyň şertnamasy tamamlandy. Çempionatyň daşynda galan Italiýa kynlyk bilenem bolsa täze tälimçisini mälim etdi. Germaniýada-da meşhur tälimçi wezipä bellenip, Belgiýa jogapkärli kürsini ýaş tälimçä ynandy. Portugaliýanyň ýygyndysynda bolsa tejribeli hünärmen Žorže Žeşuş wezipä bellendi.**

### Mançini 3 ýyldan soň gaýdyp geldi

● Yzly-yzyna 3 gezek Dünýä Kubogynyň daşynda galan dünýäniň 4 sapar çempiony Italiýanyň ýygyndysynda soňky 15–20 günde birnäçe waka bolup geçdi. Ýurduň futbol federasiýasynyň başlygy täzelenip, ozalky meşhur futbolçy Paolo Maldini milli toparyň tehniki direktory wezipesine bellenipdi. Onuň maslahatçysy hökmünde-de braziliýaly meşhur futbolçy Leonardo goýlupdy. Maldini we maslahatçysy Leonardo ilki Pep Guardiolanyň gapysyny kakdy. Ýöne ussat hünärmen yzy üznüksiz tälimçilikden soň az wagtlyk dynç aljakdygyny aýdyp, teklipden ýüz öwürdi. Italiýanyň meşhur tälimçisi Karlo Ançelotti Braziliýanyň ýygyndysy bilen 2030-njy ýyla çenli şertnamasynyň bardygyny aýtdy. Soňra 3-nji dalaşgär Andrea Pirlo bilen ylalaşyk gazanyldy. Ýöne Andrea Pirlonyň Russiýanyň «Fonbet» kompaniýasy bilen işewürlik hem-de mahabat maksatly şertnamasynyň bardygyny nazarda tutan federasiýanyň täze saýlanan başlygy, 67 ýaşyndaky Jowanni Malago şertnama baglaşyp biljek däldigini mälim etdi. Bu ýagdaýdan soň hem Maldini, hemem Leonardo işini taşlady. Aslynda, Maldini hem-de Leonardo milli ýygyndyda geljegi nazarlap, täze ýaş tälimçi bilen işe başlamak isläpdiler.

Netijede, Roberto Mançini bilen şertnama baglaşyldy. EURO 2020-de Italiýa çempionlyk gazandyran 61 ýaşyndaky Mançini 2018–2023-nji ýyllarda milli topary türgenleşdiripdi. Onuň tälimçiliginde Italiýanyň ýygyndysy 37 oýun ýeňilmän rekord goýupdy. Şol rekordy iki hepde mundan öň Ispaniýa täzelemegi başardy. Mançini 2023-nji ýylda Saud Arabystanynyň milli ýygyndysy bilen şertnama baglaşyp, 2024-nji ýylda-da wezipesinden boşadyldy. Soňra Kataryň «Al-Sadd» toparynda-da 1 möwsüme golaý işlän Mançini Italiýanyň ýygyndysyna täzeden gaýdyp geldi. Ol Italiýanyň ýygyndysyna 61 oýunda tälim beripdi (37 ýeňiş, 15 deňlik, 9 ýeňliş).

Tälimçilige «Fiorentinada» başlap, soňra «Lasiony» türgenleşdiren Mançini iki topar bilenem Italiýanyň Kubogyny gazandy. «Interde» yzly-yzyna 4 möwsüm «Serie A»-nyň çempionlygyny gazanyp, 2012-nji ýylda «Mançester Siti» toparyny 44 ýyldan soň Angliýanyň çempiony edipdi. Soňlugy bilen, «Galatasaraý», täzeden «Inter» hem-de «Zenit» klublarynda işlän ussat tälimçi türgenleşdiren klublarynyň ählisinde diýen ýaly azyndan 1 kubok gazandy.

Şeýle-de, Italiýada Paolo Maldininiň ornuna bellenen ussat, weteran tälimçi Klaudio Ranieri tehniki direktor hökmünde Mançini bilen milli ýygyndyny ýeňişlere eltmek üçin elde baryny gaýgyrman tagalla etjekdigini belledi.

### 5 ýyllap garaşdy

● Dünýä futbolynda garaşylýan uly täzelik resmi mälim edildi. Ýagny Fransiýanyň milli ýygyndysyna mundan soň Zinedin Zidan tälim berer. Bu barada resmi beýanat berlip, 54 ýaşyndaky hünärmen 4 ýyllyk şertnama gol çekdi. Tälimçilik karýerasynda diňe «Real Madridi» türgenleşdiren Zidan ispan toparyna yzly-yzyna 3 gezek Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazandyrypdy. Ol «Real Madridiň» ýaşlar toparyna (2014–16) hem-de 2 döwürde «Real Madride» (2016–18, 2019–21) tälim berdi. 2021-nji ýyldan bäri hiç bir topary türgenleşdirmedik Zidan Fransiýanyň ýygyndysyny türgenleşdirmek üçin 5 ýylyň dowamynda dürli klublardan, milli ýygyndylardan gelen teklipleriň ählisinden hem ýüz öwürdi.

1998-nji ýylda Fransiýanyň ilkinji çempionlygynda uly goşant goşan Zinedin Zidan futbolçylyk karýerasy boýunça «Kann», «Bordo», «Ýuwentus» hem-de «Real Madridde» oýnapdy. Zidan Fransiýanyň ýygyndysynda 108 oýunda 31 gol geçirdi.

Fransiýanyň ýygyndysynyň Zidandan öňki tälimçisi Didie Deşam 14 ýyllyk döwürde fransuzlara Dünýä Kubogynyň, UEFA Milletler Ligasynyň çempionlygyny gazandyrdy. Fransiýanyň ýygyndysy onuň tälimçiliginde Dünýä Kubogynda hem-de Ýewropa çempionatynda kümüş medala hem mynasyp boldy.

### Klopp Germaniýanyň tälimçisi boldy

● Dünýä Kubogy 2026-ny garaşylyşyndan ir tamamlan Germaniýanyň ýygyndysynyň täze tälimçisi resmi taýdan mälim edildi. Ýulian Nagelsmann şowsuz netijeden soň wezipesini taşlapdy we onuň ornuna Ýurgen Klopp bilen ylalaşyk gazanylypdy. Ussat tälimçi resmi ýagdaýda Germaniýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi wezipesine bellenildi. 59 ýaşyndaky hünärmen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Ol täze işi bilen baglanyşykly geçirilen metbugat ýygnanyşygynda: — Janköýerler, men siziň üçin dolanýaryn. Islän wagtyňyz işimi bir köpük hem alman taşlap bilerin. Şonuň üçin näme mesele bolsa meniň ýüzüme, özüme aýdyň, maşgalamy goşmaň — diýip, beýanat berdi. Ol: — Germaniýanyň ýygyndysy Fransiýanyň ýygyndysy ýaly güýçli toparmy, jogaby ýok. Ýa-da Dembele, Mbappe, Due, Barkola ýaly oýunçylarymyz barmy, jogaby ýok. Ýöne biz olary ýeňip bileris. Nädipmi? Fransiýa, Ispaniýa, Argentina – olaryň oýnuna seredip oturmaly däl. Esasy zat özümize we nähili oýnajakdygymyza seretmeli. Biz häzir dünýäde birinji belgide däl. Bizden öňde 10 ýygyndy bar. Ýöne biz olary öz oýnumyz bilen ýeňmegiň ýoluny, usulyny tapmaly — diýip, beýanatynda belläp geçdi.

2024-nji ýylyň tomsunda «Liwerpuldaky» tälimçiligini taşlan Klopp 2025-nji ýylyň başynda «Red Bull» kompaniýasynda futbol klublar üçin maslahatçy bolup işe başlapdy. Ilkinji gezek milli topary türgenleşdirjek Klopp «Liwerpuldan» öň «Borussiýa Dortmund» hem-de «Maýns» klublarynyň tälimçisi bolupdy.

### Goňşy ýurduň ýygyndysyny türgenleşdirer

● Dünýä Kubogynda çärýek finala çykyp, Ispaniýadan utulan Belgiýanyň ýygyndysynda fransiýaly tälimçi Rudi Garsiýa wezipesinden boşadylypdy. Onuň ornuna Belgiýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi diýlip, olaryň goňşusy Niderlandlardan Mark wan Bommel bellendi. Ol 15-nji awgustdan başlap, täze wezipesine girişer. 49 ýaşyndaky hünärmeniň 2 ýyllyk şertnama baglaşandygy mälim edildi.

«Fortuna Sittard», PSW, «Barselona», «Bawariýa», «Milan» ýaly klublarda oýnan Wan Bommel PSW, «Wolfsburg» hem-de «Antwerpen» toparlaryna tälim berdi. Ol Belgiýanyň «Antwerpen» toparyna ýurduň çempionlygyny, kubogyny hem-de Super Kubogyny gazandyrypdy. Wan Bommel 2009–10-njy ýyllarda gysga wagtlyk türgenleşdiren Dik Adwokatdan soň Belgiýanyň ýygyndysyna tälim berjek 2-nji niderland hünärmeni bolar.

Belgiýanyň ýygyndysy özleri üçin altyn nesil diýilýän futbolçylary bilen Russiýa 2018-de 3-nji orny eýeledi. Katar 2022-de toparçadan hem çykyp bilmändi. Bu çempionatda bolsa çärýek finaldan yzyna gaýtdy.

### Meşhur tälimçi wezipä bellendi

● Çempionaty 1/8 finalda tamamlan Portugaliýanyň ýygyndysynda ispaniýaly Roberto Martines wezipesini taşlapdy. Onuň ornuna bolsa tejribeli Žorže Žeşuş Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi boldy. 72 ýaşyndaky portugaliýaly hünärmen 4 ýyllyk, ýagny 2030-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy.

Žeşuş geçen möwsümde Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» toparyny türgenleşdirip, kluba ýurduň çempionlygyny gazandyrypdy. Tejribeli hünärmen karýerasynyň başlarynda Portugaliýada «Amora», «Felžeiras», «Uniao Madeira», «Eştrela de Amadora», «Witoria Setubal», «Witoriýa Gimaraýnş», «Moreirense», «Uniao Leiria», Belenenşeş», soňra «Braga», «Benfika» (2 döwür), «Sporting», Saud Arabystanynda «Al-Hilal» (2 döwür), Braziliýada «Flamengo», Türkiýede «Fenerbahçe» klublaryna tälimçilik etdi.













Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA Çempionlar Ligasynyň 2-nji saýlama tapgyry tamamlandy

UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsümiň saýlama oýunlary ýokary depginde dowam edýär. Ýaryşyň 35-nji möwsüminiň 2-nji saýlama tapgyrynyň duşuşyklary tamamlanyp, 3-nji saýlama tapgyryna çykan toparlar belli boldy.

2-nji saýlama tapgyrda Serbiýanyň çempiony «Srwena Zwezda» topary Demirgazyk Irlandiýanyň «Larn» toparyny 2 ýerde-de uly hasaplar bilen ýeňdi. Myhmançylykda 4-0 hasabynda ýeňen serbler öz meýdançasynda



garşydaşlarynyň derwezesinden jogapsyz 5 pökgi girizdiler. Oýunda Arnautowiç 2 gezek tapawutlandy. Azerbaýjanyň taryhynda ilkinji çempionlygyny gazanan «Sabah» topary Finlýandiýanyň «KuPS» toparyny myhmançylykda hem ýeňmegi başardy. Öz meýdançasynda Simiçiň ýeke-täk goly bilen ýeňen azerbaýjanlylar myhmançylykda 2–0 hasabynda utdy. Gazagystanyň «Kairat» topary Kipriň «Omoniýa» toparyny Almatyda Edilsonyň ýeke-täk goly bilen ýeňdi. 1-nji oýunda şol hasap bilen



asgyn gelen gazak topary 11 metrlik urgularyň netijesinde üstün çykyp, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Duşuşykda kiprlilerden 2 futbolçy gyzyl kart aldy.

Tapgyryň iň ýatda galyjy netijesi Daniýanyň çempiony AGF bilen Polşanyň çempiony «Leh Poznanyň» arasynda hasaba alyndy. Polýaklar 1-nji oýunda myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Ýöne jogap oýnunda daniýalylar esasy wagtda jogapsyz 3 gol geçirip, 2 oýnuň netijesi boýunça hasaby deňlediler. Goşmaça wagtda-da her topar 1 gol geçirip, Daniýadaky duşuşygyň hasaby gaýtalandy. Netijede, 11 metrlik urgulardan soň Daniýanyň çempiony, Orhus şäheriniň wekili AGF topary 3-nji saýlama tapgyra çykmagy başardy.

Türkiýäniň «Fenerbahçe» topary Polşanyň wise-çempiony «Gurnik Zabže» bilen myhmançylykda duşuşdy. «Fenerbahçe» Stambulda Talişkanyň jerime urgusyndan geçiren goly esasynda ýeňiş gazanypdy. Polşadaky oýunda stambullylar ýene-de şol braziliýaly oýunçynyň 12-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda öňe saýlandy. Polýaklar Saçegiň 45+10-njy minutdaky goly bilen hasaby deňlese-de, 2-nji ýarymda derwezäni sarsdyran bolmady.

**2-nji saýlama tapgyryň netijeleri:**

● **Srwena Zwezda (Serbiýa)** — Larn (D. Irlandiýa): 5–0 (4–0), Linkoln Red Imps (Gibraltar) — **Mýellbýu (Şwesiýa)**: 0–0 (0–3) KuPS (Finlýandiýa) — **Sabah (Azerbaýjan)**: 0–2 (0–1), **Kauno Žalgiris (Litwa)** — KI Klakswik (Farer adalary): 1–0 (0–0), Leh Poznan (Polşa) – **AGF (Daniýa)**: 4–1 (1–4) (3–4 p), Şamrok Rowers (Irlandiýa) — **Ararat-Armenia (Ermenistan)**: 2–1 (0–2), Uniwersitatea Kraiowa (Rumyniýa) — **Lewski Sofiýa (Bolgariýa)**: 2–2 (0–1), **Kairat (Gazagystan)** — Omoniýa (Kipr): 1–0 (0–1) (6–5 p), **Dinamo Zagreb (Horwatiýa)** — Tun (Şweýsariýa): 3–2 (g.w.) (1–1), **Hapoel Be′er Şewa (Ysraýyl)** — Wkingur Reýkýawik (Islandiýa): 2–0 (1–2), **Slowan Bratislawa (Slowakiýa)** — Iberia 1999 (Gruziýa): 1–1 (2–0), **Selýe (Sloweniýa)** — Egnatia (Albaniýa): 2–2 (3–3) (4–1 p)

Gurnik Zabže (Polşa) — **Fenerbahçe (Türkiýe)**: 1–1 (0–1), Harts (Şotlandiýa) — **Şturm Gras (Awstriýa)**: 0–2 (0–4)

**3-nji saýlama tapgyryň duşuşyklary ( 4-5-nji awgust, 11-nji awgust):**

Dinamo Zagreb (Horwatiýa) – Kauno Žalgiris (Litwa)
Mýellbýu (Şwesiýa) – Slowan (Slowakiýa)
Lewski Sofiýa (Bolgariýa) – Kairat (Gazagystan)
AGF (Daniýa) – Sabah (Azerbaýjan)
Ararat-Armeniýa (Ermenistan) – Selýe (Sloweniýa)
Hapoel Be′er Şewa (Ysraýyl) – Srwena Zwezda (Serbiýa)
Olimpiakos (Gresiýa) – NEK (Niderlandlar)
Ýunion Sent-Žilluaz (Belgiýa) – Bude-Glimt (Norwegiýa)
Fenerbahçe (Türkiýe) – Şturm Gras (Awstriýa)
Sparta Praga (Çehiýa) – Lion (Fransiýa)

# TRANSFER TÄZELIKLERI

● Hemişe diýen ýaly transfer möwsüminiň iň işjeň klublaryndan Londonyň «Çelsi» topary «Aston Willanyň» iňlis ýyldyzy Morgan Rojersi düzümine goşdy. «Çelsi» Rojersiň transferi üçin birmingemlilere 117 million funt sterling (137 million ýewro) tölär. «Çelsi» topary 24 ýaşly ýarymgoragçy bilen 2033-nji ýyla çenli (7 ýyllyk) şertnama baglaşdy. Morgan Rojers iňlis futbolynyň taryhyndaky iň gymmat transfer hökmünde hasaba alyndy. Rojers karýerasyna «West Bromwiç Albionda» başlap, «Mançester Sitiniň» U21 toparynda oýnady. Soňlugy bilen, «Linkoln Siti», «Birmingem Siti», «Bläkpul» klublarynda kärendesine oýnap, 2023-nji ýylda «Middlsbro» toparyna transfer boldy. 2024-nji ýylyň fewralynda «Aston Willanyň» düzümine goşuldy. Ol bu toparda 2,5 möwsüm oýnap, 125 oýunda 31 gezek tapawutlanyp, klubuň geçen möwsümde Ýewropa Ligasyny gazanmagyna uly goşant goşdy.





● UEFA Ýewropa Ligasynyň häzirki ýeňijisi «Aston Willa» topary düzümine Dünýä Kubogynda şowly çykyş eden şweýsariýaly Ýohan Manzambini goşdy. Iňlis kluby 20 ýaşyndaky ýarymgoragçynyň transferi üçin «Aýntraht» (Germaniýa) toparyna goşmaça tölegler bilen 70 million ýewro berer. Täze toparynda 44-nji belgili köýnekçäni geýjek Manzambi 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol «Aston Willanyň» taryhyndaky iň gymmat transfer hökmünde hasaba alyndy. Manzambi «Aýntrahtda» 2 möwsüm çykyş edip, 58 oýunda 9 gol geçirdi. Şweýsariýanyň milli toparynda 16 oýunda 6 gol geçiren Manzambi şolaryň 3-sini şu Dünýä Kubogynda derweze girizdi.



● Angliýanyň çempionaty «Premier Liganyň» soňky çempiony «Arsenal» topary düzümine tomusdaky 2-nji transferini goşdy. Londonlylar Belgiýanyň «Klub Brýugge» toparyndan gresiýaly hüjümçi Kristos Solisi transfer etdi. Topçular 24 ýaşyndaky hüjümçi üçin «Klub Brýugge» toparyna goşmaçalar bilen 40 million ýewro tölär. Londonlylar bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Solis PAOK, «Norwiç Siti», «Twente», «Fortuna Düsseldorf», «Klub Brýugge» klublarynda oýnan Solis 245 duşuşykda 90 goly derweze girizdi. Ol Gresiýanyň milli ýygyndysynda-da 34 duşuşykda 9 gezek tapawutlandy.



● Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» topary Angliýanyň «West Ham» toparyndan niderland oýunçy Krisensio Sammerwili transfer etdi. Arap topary 24 ýaşyndaky winger üçin iňlis klubuna 65,3 million ýewro berer. Munuň üstüne ýene-de 10 million ýewronyň hem goşulmagy mümkin. «Al-Hilal» topary Sammerwil bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Sammerwil «West Hamdan» öň öz ýurdunda «Dordreht» hem-de «ADO Den Haag» klublarynda, şol sanda Angliýada «Lids Ýunaýtedde» oýnady. Ol Niderlandlaryň ýygyndysynda Dünýä Kubogynda çykyş edip, 2 gol geçirdi.



● Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» topary PSŽ-niň koreýaly ýarymgoragçysy Li Kan Ini transfer etdi. Madridliler 25 ýaşyndaky futbolçynyň transferi üçin 35+5 million ýewro tölär. Li Kan In täze topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşyp, ol madridlileriň düzüminde 7-nji belgili köýnekçäni geýer. «Walensiýada» futbola başlan Li Kan In «Malýorkada» 2 möwsüm oýnap, 2023-nji ýylda PSŽ toparyna transfer bolupdy. Ol PSŽ-de 124 oýunda 16 gol geçirdi. Li Kan In Koreýa Respublikasynyň milli toparynda-da 50 duşuşykda 11 gezek tapawutlandy.





# Ýewropanyň TOP 5 çempionaty haçan başlanýar?

Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň täze möwsümine ilkinji bolup başlajak çempionat Ispaniýanyň «La Ligasydyr». Adatça, awgust aýynyň ahyrynda başlaýan çempionatyň täze 96-njy möwsümi 15-nji awgustda badalga alar. Futbol janköýerleriniň iň söýgüli çempionaty Angliýanyň «Premier Ligasy» bolsa 21-nji awgustda täze möwsüme başlar. Şol gün başga bir çempionat, Fransiýanyň «Ligue 1»-i hem täze möwsüme bat berer. 22-nji awgustda Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň täze möwsümi başlansa, Germaniýanyň «Bundesligasy» bu gezek ozalkylardan tapawutlylykda, iň soňky bolup bat alar. «Bundesliganyň» täze möwsümi 28-nji awgustda başlanar.

Şol sanda Şotlandiýanyň çempionaty «Premiership» şu gije başlasa, ertir 1-nji awgustda Awstriýanyň «Bundesligasynyň» täze möwsümine badalga berler. Portugaliýanyň çempionaty «Premeira Liga» bilen Niderlandlaryň çempionaty «Eredivisie», Belgiýanyň çempionaty «Pro Liga» 7-nji awgustda, Türkiýäniň çempionaty «Süper Lig» 14-nji awgustda, Gresiýanyň «Super Ligasy» bolsa 22-nji awgustda badalga alar.

Russiýanyň çempionaty «Premýer Liga» 24-nji iýulda başlap, şu hepdäniň ahyrynda 2-nji tapgyryň oýunlary geçiriler.





«La Liga» — 15-nji awgust
«Premier Liga» — 21-nji awgust
«Ligue 1» — 22-nji awgust
«Serie A» — 22-nji awgust
«Bundesliga» — 28-nji awgust

# Formasyna 1000 sany mahabat alan topar

Perunyň 3-nji ligasynda çykyş edýän «Deportiwo Munisipal» kluby ykdysady taýdan çekýän kynçylyklaryny täsin usulda ýeňmegi başardy. Toparyň ýolbaşçylary täsin ýola baş goşup, formanyň ähli ýerini mahabat bilen doldurdylar. Ýagny formanyň her boş ýeri 60 dollara kompaniýalara satyldy. Netijede, bu täsin pikir 3 aýyň dowamynda 1000 sany mahabaty özüne çekdi. Şondan soň, özboluşly bezeg edilip, ähli mahabat beren firmalaryň, janköýerleriň atlary kiçi görnüşde formanyň hemme ýerine owadan dizaýn bilen ýerleşdirildi. Şeýlelikde, futbol topary gyssagly gerek bolan maliýe serişdesini tapyp, kynçylyklaryň belli bir bölegini ýeňmegi başardy.



Klub geçen möwsüm maliýe ýetmezçilik sebäpli 2-nji ligadan 3-nji liga düşürilipdi. Klub 1935-nji ýylda esaslandyrylyp, 1950-nji ýyla çenli 4 gezek Perunyň iň ýokary ligasynda çempionlyk gazanypdy.

## SUNGAT

# 83-nji Wenesiýa film festiwaly

Ýedinji sungatyň iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňi 83-nji gezek geçiriler. 2–12-nji sentýabr aralygynda Italiýanyň Wenesiýa şäherinde geçiriljek festiwalda görkeziljek filmleriň sanawy mälim edildi. Oskarly meşhur režissýor Denni Boýluň «Syýa» filmi bilen açyljak festiwal Jowanni Werenosiniň «Dio ride» filmi bilenem jemlener.

Festiwalyň dowamynda amerikaly ussat aktýor, Oskaryň eýesi Jorj Kluniniň, şol sanda, amerikaly oskarly aktrisa Ellen Býorstiniň kino sungatynda bitiren hyzmatlary göz öňünde tutulyp, olara Ömürboýy başarnyk «Altyn ýolbars» baýragy gowşurylar.

Festiwalda «Altyn ýolbars» baýragyna 20 film dalaşgär görkezildi. Şol filmleriň arasynda ýaponiýaly meşhur režissýor Hirokazu Kore-edanyň täze kinosy «Yza seret», Denni Boýluň «Syýa», italiýaly ussat režissýor Nanni Morettiniň «Şu gije bolar», fransiýaly Florian Zelleriň ispaniýaly är-aýal Hawier Bardem bilen Penelope Kruzuň baş keşplerde surata düşen «Bunker» filmi, eýranly Ali Asgariniň «Sähelçe ýagtylyk», özboluşly filmleri bilen tanalýan Martin MakDonahyň «Dokuzynjy belgidäki ýabany at» filmi baş baýragyň dalaşgärleriniň arasynda öňe saýlanýar.





Festiwalyň eminleri toparyna amerikaly meşhur aktrisa, režissýor Meggi Gillenholl ýolbaşçylyk eder. Eminler toparyny tunisli režissýor Kauter Ben Hania, angliýaly kompozitor Daniel Blumberg, italiýaly kinokritik Françesko Kasetti, fransiýaly režissýor Ksawie Jannoli, owganystanly režissýor Şahrbanu Sadat hem-de gonkongly režissýor Jonnie To ýaly sungat işgärleri düzýär.













## «ALTYN ÝOLBARS» BAÝRAGYNA DALAŞGÄR GÖRKEZILEN FILMLERIŇ SANAWY:

**«Buenos Aýrese dolanmak» (Ritorno a Buenos Aires)** – *rež.* Marko Bekis (Çili) – *öndüriji ýurtlar* Italiýa, Braziliýa
**«Ýarygijäniň öňüsyrasynda» (Un peu avant minuit)** – Nikolas Pariser (Fransiýa) – Fransiýa
**«Sähelçe ýagtylyk» (Kami nour)** – Ali Asgari (Eýran) – Eýran, Şweýsariýa, Italiýa, Türkiýe, Kanada
**«Başyna giden haramzada» (Bucking Fastard)** – Werner Herzog (Germaniýa) – Irlandiýa, ABŞ
**«Bunker» (Bunker)** – Florian Zeller (Fransiýa) – Fransiýa, Ispaniýa
**«Kompaniýa» (Company)** – Keýsi Afflek (ABŞ) – Kanada, Rumyniýa, Italiýa, ABŞ, BAE
**«DAU» (DAU)** – Ilýa Hržanowski (Germaniýa) – Germaniýa, Fransiýa, Ukraina, Şwesiýa
**«Ýaň palatasy» (The Echo Chamber)** – Andrea Pallaoro (Italiýa) – Italiýa, Belgiýa
**«Gowy kiçi esger» (Un bon petit soldat)** – Stefan Briz (Fransiýa) – Fransiýa
**«Içiňdäki alaw» (Il fuoco che ti porti dentro)** – Edoardo De Angelis (Italiýa) – Italiýa
**«Syýa» (Ink)** – Denni Boýl (Birleşen Patyşalyk) – Birleşen Patyşalyk, ABŞ
**«Şu gije bolar» (Succedera questa notte)** – Nanni Moretti (Italiýa) – Italiýa, Fransiýa, Ispaniýa
**«Yza seret» (Rukku Bakku)** – Hirokazu Kore-eda (Ýaponiýa) – Ýaponiýa
**«Jenap Nelson, bu adamlary siz öldürdiňizmi?» (Nelson san, anata ha hito wo koroshimashitaka?)** – Şinýa Tsukamoto (Ýaponiýa) – Ýaponiýa, ABŞ, Tailand, Wýetnam
**«15/18» (15/18)** – Sedrik Han (Fransiýa) – Fransiýa
**«Mümkin bolan söýgi» (Ganeunghan sarang)** – Li Çan Don (Koreýa Respublikasy) – Koreýa Respublikasy
**«Praým-taým» (Primetime)** – Lans Oppenhaým (ABŞ) – ABŞ
**«Nätanyş» (L'Estranea)** – Paolo Strippoli (Italiýa) – Italiýa, Fransiýa, Belgiýa
**«Dokuzynjy belgidäki ýabany at» (Wild Horse Nine)** – Martin MakDonah (Irlandiýa) – Birleşen Patyşalyk, ABŞ, Çili
**«Näbelli zenan» (Kvinde, ukendt)** – Meý el-Tuhi (Daniýa) – Daniýa, Şwesiýa, Latwiýa

# TÄZE FILM





**Ady:** «Möý adam: täze gün» (Spider-Man: Brand New Day); **Režissýory:** Destin Daniel Kretton; **Ssenariçi:** Kris MakKenna, Erik Sommers; **Prodýuseri:** Kewin Faýgi, Emi Paskal, Awi Arad, Raçel O'Konnor; **Keşplerde:** Tom Holland, Zendeýa, Sadie Sink, Jeýkob Batalon, Jon Berntal, Tramell Tillman, Maýkl Mando, Mark Ruffalo; **Kompozitory:** Maýkl Jakkino; **Öndüriji:** «Columbia Pictures», «Marvel Studios», «Pascal Pictures»; **Paýlaýjy:** «Sony Pictures Releasing»; **Görnüşi:** «superhero», uruşly, ylmy-fantastik başdan geçirme; **Dowamlylygy:** 145 minut; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 225 million dollar.



Dünýä belli «Marvel» studiýasynyň 38-nji kinosy bolan «Möý adam: täze gün» filmi şu günden kinoteatrlarda görkezilip başlanar. «Marvel» kinematografik äleminiň 6-njy fazasynyň 2-nji filmi bolan «Möý adam: täze gün» kinosyna Dastin Daniel Kretton režissýorlyk edýär. Ol «Marvel»-iň «Şen-Çi we on ýüzügiň rowaýaty» filmini hem surata düşüripdi. Filmiň ssenarisi Kris MakKenna bilen Erik Sommersiň galamyndan çykdy. Filmde baş keşpleri Tom Holland we onuň ýanýoldaşy Zendeýa, şol sanda Sadie Sink, Jeýkob Batalon, Jon Berntal, Mark Ruffalo, Maýkl Mando ýerine ýetirýär. Kinonyň agramly bölegi Glazgo şäherinde ekranlaşdyrylan filmde ýaňlanýan sazlary italiýaly kompozitor Maýkl Jakkino ýazdy.

Tom Holland 4-nji gezek «Möý adam» filminde surata düşüp, bu ekran eseri täze «Möý adam» triologiýasynyň ilkinji kinosy hasaplanýar. Filmiň prokatlardan 1 milliard dollardan köp girdeji gazanmagyna garaşylýar.

Täze kinoda «Möý adam: öýe gaýdyş ýok» filmindäki wakalardan soň, Dr. Stefen Streýnjiň jadysy bilen Piter Parker unudylýar. 4 ýyldan soň Parker anonim görnüşde Nýu Ýork şäherini gorap başlaýar. Ol şonda özüniň täze güýjüniň üstünden barýar. Şol bir wagtyň özünde-de täze howp peýda bolýar...

# Eniston bilen Dinkleýj baş keşpde surata düşer

Ussat aktrisa hem-de režissýor Oliwie Waýldyň surata düşürjek täze filmi «Naughty» diýlip atlandyrylýar. Komediýa görnüşdäki filmde Jennifer Eniston bilen Piter Dinkleýj baş keşplerde surata düşer. Belli aktrisa Margo Robbiniň kompaniýasy «LuckyChap» tarapyndan maliýeleşdiriljek filmi «Universal» studiýasy paýlar. Filmiň surata düşüriljekdigi 2023-nji ýylda habar berlipdi. Ssenarisi Jimmi Worden tarapyndan ýazylan filmde iki ýanýoldaşyň ogly bilen baglanyşykly başdan geçiren wakalary dogrusynda söhbet açylar. Filmiň ekranlara çykjak wagty häzirlikçe belli däl.



# IŇ GIRDEJILI OÝNAWAÇLAR



«Pixar» bilen «Disney» studiýalarynyň meşhur animasiýalar toplumy «Oýnawaçlaryň hekaýasy» (Toy Story) multfilminiň 5-nji ekran eseriniň prokatlardan toplany 1 milliard dollardan geçdi. Girdejisi 1 milliard 28 million dollara golaýlap gelýän animasiýa häzirlikçe ýylyň iň köp kassa ýygymyny toplan ekran eseridir. 19-njy iýundan bäri görkezilip gelinýän multfilm 1 milliard dollardan geçen ýylyň 3-nji, umumylykda-da 63-nji ekran eseri, şol sanda 17-nji animasiýa hökmünde hasaba alyndy. «Oýnawaçlaryň hekaýasy» multfilmleri «Görnüksiz» (Despicable Me) hem-de «Şrek» (Shrek) animasiýalaryndan soň 4 milliard dollardan geçen 3-nji françaýz boldy. Şeýle-de, «Oýnawaçlaryň hekaýasy» multfilmleri 3 bölümi 1 milliard dollardan geçen ilkinji françaýz diýlip bellige alyndy. «Oýnawaçlaryň hekaýasy 5» «Pixar» studiýasynyň girdejisi 1 milliard dollardan geçen 6-njy animasiýasy bolup, ol bu görkezijä ýeten ilkinji animasiýa studiýasy hökmünde taryha girdi («Oýnawaçlaryň hekaýasy 3», «Doriniň gözleginde», «Täsin maşgala 2», «Oýnawaçlaryň hekaýasy 4», «Kellesi garyşyk 2», «Oýnawaçlaryň hekaýasy 5»).